TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRÜNDE ÖŇÜMIZDE BELENT MAKSATLARY GOÝDUK. MÄHRIBAN WATANYMYZYŇ ABADANÇYLYGYNY WE DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINI, HALKYMYZYŇ ÝAŞAÝYŞ DEREJESINI MUNDAN BEÝLÄK-DE ÝOKARLANDYRMAK, DÜNÝÄDE PARAHATÇYLYGY HEM-DE YNANYŞMAGY BERKITMEK WEZIPELERINI ÖŇE SÜRDÜK.


# ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
31-nji ýanwar, 2025. Belgisi 5/1623




# OBA MILLI MAKSATNAMASY ÜSTÜNLIKLI DURMUŞA GEÇIRILÝÄR

***27-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.***

Welaýatlaryň häkimleri sebitlerde dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, şu günler bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda möwsümleýin ideg işleri alnyp barylýar. Meýdanlary gowaça ekişine taýýarlamak maksady bilen, ýerlerde tekizleýiş we geriş çekmek işleri geçirilýär. Pagtaçy babadaýhanlar üçin welaýatlaryň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän ýokary hilli gowaça tohumyny, ýazky oba hojalyk işlerinde ulanyljak tehnikalary we gurallary möwsüme taýýarlamak babatda degişli işler ýerine ýetirilýär. Welaýatlarda ýazlyk ýeralmanyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ekiljek meýdanlaryny, tohumlaryny möwsüme taýýarlamak boýunça zerur çäreler görülýär. Ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak, suwaryş, şor suw akabalaryny arassalamak işleri alnyp barylýar. Şeýle hem häkimler Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, möwsümleýin agrotehniki çäreleri, hususanda, bugdaýa ideg we meýdanlary ekişe taýýarlamak işlerini ýokary hilli geçirmäge toplumlaýyn çemeleşmegiň zerurdygyny belledi we bu babatda anyk tabşyryklary berdi. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalarda welaýatlarda şu ýyl üçin meýilleşdirilen işleriň öz wagtynda we talabalaýyk ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Diýarymyzda bugdaýyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek hem-de ilatymyzy galla önümleri bilen bolelin üpjün etmek maksady bilen, bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri ýerine ýetirilýär. Gowaça ekişine görülýän taýýarlygyň çäklerinde meýdanlarda tekizleýiş, geriş, çil çekmek, ýuwuş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Pagtaçy babadaýhanlar üçin ýokary hilli gowaça tohumyny, ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny ýazky ekiş möwsümine taýýarlamak babatda zerur çäreler görülýär. Şeýle hem welaýatlarda ýeralmanyň we beýleki gök-bakja ekinleriniň ekiljek meýdanlaryny, olaryň tohumlaryny ekiş möwsümine taýýarlamak boýunça degişli işler ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, dowam edýän oba hojalyk işlerini agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýokary hilli geçirmäge toplumlaýyn çemeleşmegiň zerurdygyny belledi we wise-premýere möwsümleýin işleri gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, möwsümleýin oba hojalyk işlerine ýene-de bir gezek ünsi çekdi we welaýatlaryň gowaça ekiljek ýerlerinde tekizleýiş, çil, geriş çekmek, ýuwuş suwuny tutmak işleriniň geçirilişini berk gözegçilikde saklamagy, pagta öndürijileri ýokary hilli gowaça tohumy bilen üpjün etmek üçin ähli zerur işleri geçirmegi, tehnikalardyr gurallary ýaz ekişine talabalaýyk taýýarlamak üçin degişli işleri alyp barmagy, welaýatlaryň bugdaý meýdanlarynda ideg işleriniň agrotehniki kadalara laýyk geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy. Şunuň bilen birlikde, ýeralma, gök-bakja ekinleriniň ýazky ekişine tohumlary we ýerleri talabalaýyk taýýarlamak, welaýatlarda pagta, bugdaý öndürijiler bilen hyzmat ediji edara-kärhanalaryň arasynda ýerine ýetirilen işler üçin hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmek tabşyryldy. Mundan başga-da, hormatly Prezidentimiz welaýatlaryň çägindäki derýalarda we suwaryş akabalarynda suwuň kadaly akymyny üpjün etmek üçin degişli işleri geçirip durmagy, şu ýyl sebitlerde açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilen medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalarda gurluşyk işleriniň barşyny berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

## PARAHATÇYLYK – BAGTYÝARLYGYŇ AÇARY



Berkarar Watanymyzyň her ýyly döwrüň belent ruhuna kybap gelýän şygar bilen dabaralandyrmak däbine eýerilip, 2025-nji ýyl «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi.

Ýylyň şygaryndaky umumadamzat bähbitli gymmatlyklar onuň göze gelüwli nyşanynda hem aýdyň beýanyny tapýar. Gahryman Arkadagymyzyň türkmen döwletliliginiň goşa ganatyna deňeýän Garaşsyzlyk hem-de Bitaraplyk ýaly naýbaşy gymmatlyklar hakyndaky pikirleri seriňe dolýar. Asmana sary ösüp oturan ýaşyl derek agajynyň şekili bolsa berklik, uzak ömürlilik, haýyr-sahawatlylyk ýaly häsiýetleri ýatladýar. Ata-babalarymyzyň kökleri asyrlaryň jümmüşine ornan asylly ýörelgelerinden güýç alýan kuwwatly döwletimiz hem hut derek agajy kimin ösüşiň täze belentliklerine ymtylýar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň nyşanynyň merkezinde ýaşyl Tugumyzyň hem-de BMG-niň baýdagynyň şekillendirilmegi ýurdumyzyň abraýly halkara gurama bilen oňyn hyzmatdaşlyga esaslanýan köpýyllyk dostlukly gatnaşyklaryndan habar berýär. 3

## TARYHY EÝÝAMYŇ BEDEW BADY



**Halkymyzyň kalbyny buýsanç şuglasy bilen ganatlandyrýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda güneşli Diýarymyzyň ähli ugurlar boýunça gazanýan üstünliklerinde täze taryhy eýýamyň bedew bady, ýurdumyzdaky agzybirligiň, jebisligiň ygtybarly güýji aýdyň duýulýar. Bu ruhy güýç Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň eşretleriniň has artýandygyny, döwletli ojaklara rysgal-bereket eçilýändigini, gözel eýýama buýsançdyr-söýginiň çuňlaşýandygyny anyk görkezýär.**

**Ähli döwürde-de biri-birinden ajaýyp binalary gurup bilýän döwleti gurply döwlet hasaplapdyrlar. Şol ýurtda amala aşyrylýan ajaýyp işlerdir gurulýan desgalaryň hem döwletiň ykdysady ýagdaýyny aýdyň görkezýändigine şübhelenmese bolar. Muňa biz Garaşsyz Watanymyzyň mysalynda-da aýdyň göz ýetirýäris. Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiz beýleki ugurlar bilen bir hatarda, gurluşyk ulgamynyň işine-de toplumlaýynlyk, ýokary hillilik hem-de haýran galarlyk derejede bedew badyny berdi. Netijede, sanaýmaly ýyllaryň içinde diňe bir paýtagtymyzda däl, döwletimiziň ähli welaýatlarynda-da ak mermere beslenen bagtyýarlyk binalary köpeldi.** 3

# TÜRKMEN-GYRGYZ HYZMATDAŞLYGY PUGTALANÝAR

***29-njy ýanwarda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparowyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy. Onuň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri boýunça pikir alşyldy.***

Gahryman Arkadagymyz Türkmenistan bilen Gyrgyz Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň okgunly we yzygiderli häsiýetini kanagatlanma bilen belläp, soňky ýyllarda onuň köp ulgamlary öz içine alýandygyny aýtdy hem-de pursatdan peýdalanyp, gyrgyz Liderine hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň salamyny ýetirdi. Prezident Sadyr Žaparow ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki derejesine ýokary baha berip, Gyrgyzystanyň özara gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmäge gyzyklanma bildirýändigini nygtady hem-de, öz gezeginde, hormatly Prezidentimize mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Ýurtlarymyz halkara giňişlikde ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça, şol sanda dünýäde we sebitde howpsuzlygy üpjün etmek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek, ekologiýa, suw meselesi ýaly ugurlarda netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň halkara başlangyçlaryny yzygiderli goldaýandygy üçin gyrgyz tarapyna minnetdarlyk bildirdi. Biz Gyrgyzystanyň şeýle garaýşyna, özara düşünişmäge we ynanyşmaga esaslanýan ikitaraplaýyn gatnaşyklarymyza ýokary baha berýäris diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy hem-de ýurdumyzyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek barada kabul edilen Kararnamany Gyrgyzystanyň goldandygyny aýratyn belledi. Nygtalyşy ýaly, Türkmenistan hem, öz gezeginde, dostlukly ýurduň BMG-niň çägindäki halkara başlangyçlaryny, hususan-da, ekologiýa meseleleri boýunça başlangyçlaryny goldaýar.



Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan hyzmatdaşlygyň bu ugruna aýratyn ähmiýet berýär hem-de döwletleriň we halkara guramalaryň bu babatdaky tagallalarynyň, şol sanda buzluklaryň eremegi, dag ösüşi ýaly meseleleriň giň toplumynda tagallalaryň birleşdirilmegi ugrunda çykyş edýär. Biz bu meseleleri BMG-niň howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly gün tertibine girizmek babatda Gyrgyzystanyň çemeleşmelerini goldaýarys diýip, Milli Liderimiz aýtdy. Türkmenistan sebitde tebigaty we ekologik gurşawy goramaga gönükdirilen çäreleri goldaýar. Munuň özi suw serişdelerini ýurtlarymyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň bähbidine rejeli hem deňagramly peýdalanmaga mümkinçilik berer.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Er-Riýadda geçirilen «Bitewi suw» sammitinde Türkmenistanyň suw meseleleri boýunça öz garaýyşlaryny beýan edendigini aýdyp, ýurdumyzyň Gyrgyzystan bilen bilelikde bu meseleleri çözmäge işjeň gatnaşmaga taýýardygyny tassyklady. Ekologik deňagramlylyk babatda aýdylanda, ýurdumyzyň ýakynda Gyrgyzystanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň kabul eden Dag barsynyň halkara gününi yglan etmek baradaky Kararnamasyny goldandygyna üns çekildi. 2


**Aziýa global merkeze öwrülýär**
Aziýa ylmy-barlag we innowasiýalar üçin global merkeze öwrülýär. Bu ýagdaý sebitde ylmy-tehniki innowasiýa toparlarynyň sanynyň we hiliniň ep-esli ýokarlanmagy bilen şertlenýär. 4

**Telefonyň adam aňyna täsiri**
Soňky ýyllarda öýjükli telefonlar adamzat durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Aragatnaşyk, täzelikler bilen tanyşmak we güýmenje üçin ulanylýan bu enjamlar amatly şert döredýändigine garamazdan, zyýanly täsirini hem ýetirýär. 5

**97-nji Oskar baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi**
Kino sungatynyň iň uly baýragy hasaplanýan Oskaryň dalaşgärleri mälim edildi. 97-nji Oskar baýraklaryna iň köp dalaşgär görkezilen ekran eseri «Emiliýa Peres» filmi boldy. 6

**Çempionlar Ligasynyň liga tapgyry tamamlandy**
UEFA Çempionlar Ligasynda täze formatdaky ýaryşyň liga tapgyry tamamlandy. 8-nji tapgyrda ähli duşuşyklar birwagtda başlap, futbol janköýerleri ýatdan çykmajak agşamy başdan geçirdi. 7

**Ožie möwsüme ýeňiş bilen başlady**
Dünýä Ralli çempionatynyň (WRC) 53-nji möwsüminiň ilkinji ýaryşy Monte Karlo Rallisinde «Toyota Gazoo Racing» toparynyň fransuz sürüjisi Sebastian Ožie ýeňiş gazandy. 8

# TÜRKMEN-GYRGYZ HYZMATDAŞLYGY PUGTALANÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan bu Kararnamanyň awtordaşy bolup çykyş etdi. Munuň özi iri halkara guramanyň çäginde ýurtlarymyzyň arasyndaky özara düşünişmegiň ýokary derejesine şaýatlyk edýär.

Söhbetdeşligiň dowamynda Türkmenistanyň we Gyrgyzystanyň arasyndaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň okgunly ösdürilýändigi bellenildi. Hökümet, diplomatik, pudak edaralary derejesinde yzygiderli gatnaşyklar alnyp barylýar. 2021-nji ýylyň iýunynda Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparowyň Türkmenistana amala aşyran sapary bilelikdäki hereketlere kuwwatly itergi berdi. Saparyň dowamynda dürli ulgamlarda hyzmatdaşlyk etmek barada möhüm ylalaşyklar gazanyldy. Taraplaryň tagallalary netijesinde bu ylalaşyklar durmuşa geçirilýär. Munuň özi iki ýurduň ykdysady ösüşine uly goşant goşýar, şeýle hem sebitdäki ýagdaýa oňyn täsirini ýetirýär. Gahryman Arkadagymyz iki ýurduň energetika pudagyndaky özara bähbitli, netijeli hyzmatdaşlygyny belläp, türkmen tarapynyň ony mundan beýläk-de ösdürmäge we diwersifikasiýalaşdyrmaga taýýardygyny tassyklady. Söhbetdeşler türkmen-gyrgyz hyzmatdaşlygynyň uly kuwwatynyň bardygyny aýdyp, bu kuwwaty iki ýurduň, tutuş sebitiň ösüşiniň bähbidine durmuşa geçirmegiň zerurdygyny nygtadylar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri şu ýylyň Türkmenistan üçin möhüm wakalara beslenýändigine ünsi çekdi. 2025-nji ýylda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy bellenilýär, şeýle hem Türkmenistanyň başlangyjy boýunça bu ýyl BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň 2025-nji ýylyň dowamyndaky işleriniň we ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasy işlenip taýýarlanyldy. Konsepsiýada Türkmenistanyň ählumumy we sebit ösüşiniň möhüm meseleleri boýunça garaýyşlarydyr çemeleşmeleri, ýurdumyzda, BMG-niň, beýleki halkara guramalaryň meýdançalarynda geçiriljek iri halkara çäreleriň meýilnamalary beýan edilýär. Gahryman Arkadagymyz Gyrgyz Respublikasynyň Prezidentini Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçiriljek foruma çagyryp, Sadyr Žaparowyň oňa gatnaşmagynyň bu çäräni üstünlikli geçirmäge möhüm goşant boljakdygyna ynam bildirdi.

Prezident Sadyr Žaparow, öz gezeginde, Milli Liderimizi islendik amatly wagtda Gyrgyz Respublikasyna sapar bilen gelmäge çagyrdy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow iki ýurduň netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegi maksat edinýändiklerini belläp, doganlyk halklara parahatçylyk, rowaçlyk, abadançylyk arzuw etdiler.

# MAGTYMGULY – BIR UMMAN

Her täze ýyla hoş habar bilen gadam basmagyň özi şol ýylyň buýsançly wakalara, şanly senelere baý boljakdygynyň nyşany. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň tamamlanyp barýan günlerinde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly eseriniň elimize gowuşmagy hem täze – 2025-nji ýylyň şanly senelere, ajaýyp wakalara beslenjekdigini alamatlandyrdy. Bu ajaýyp eser Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň halkara derejede uludan bellenilen ýylynyň şowly jemlenmesi bolup kalbymyza ornady. Çünki hormatly Prezidentimiziň döwet galamyndan, ýiti zehininden çykan bu kitap diňe bir beýik söz ussadynyň çeper döredijiliginiň, manyly ömrüniň beýany bolman, eýsem, taryhy ýylyň şanly wakalaryny hem öz içine alan gymmatly hazyna çeşmesidir. Hormatly Prezidentimiziň Magtymguly atamyza we onuň baý edebi mirasyna goýýan çuňňur hormat-sarpasy, dana akyldaryň döredijiligini giňden öwrenmekde, dünýä ýaýmakda, geljekki nesillere ýetirmekde alyp barýan bimöçber işleri uly buýsanç duýgusyny döredýär.




Hormatly Prezidentimiziň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly eseri şahyryň agzybirlik, parahatçylyk ýörelgelerini aýdyňlaşdyrmaga gönükdirilen ajaýyp gollanmadyr. Geçmişiň sapaklaryna üns berilmelidigi baradaky pikir kitapda: «Hut şoňa görä-de biziň daşary syýasatdaky «Ösüş arkaly parahatçylyk», «Dialog – parahatçylygyň kepili» ýörelgelerimiz hem geçmişden sapak alyp, şu günüň rahatlygyny, geljegiň aýdyňlygyny gazanmaga gönükdirilendir. Biziň çuňňur ynsanperwerlige, dostluga, agzybirlige, ynanyşmaga esaslanýan içeri we daşary syýasatymyzyň özeninden bolsa milli akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň öwüt-ündewleriniň eriş-argaç bolup geçýändigini turuwbaşdan bellemek gerek» diýlip giňişleýin düşündirilýär. Şonuň üçin hem täze kitabyň bir böliminiň ady «Parahatçylygyň şahyry» diýlip atlandyrylypdyr.

Beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň «Türkmeniň» we Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly goşgulary bilen başlanýan kitap sekiz bölümden ybarat bolup, onda dana Pyragynyň ömrüne we döredijiligine, baý edebi mirasyna bagyşlanan gymmatly maglumatlar getirilýär. Hormatly Prezidentimiziň ajaýyp eserinde bellenilişi ýaly, Magtymguly hakda sözlemek ýaşaýyş hakda sözlemekdir.

Bu ajaýyp eserde halkymyzyň durmuşynda, dünýä edebiýatynyň altyn hazynasynda Magtymguly Pyragynyň eýeleýän mynasyp orny giňden açylyp görkezilýär. Hormatly Prezidentimiziň aýdyşy ýaly, aslynda, her bir türkmen magtymgulyşynasdyr. Her bir türkmen ömrüniň dowamynda Magtymgula düşünmäge çalyşýar. Magtymgulynyň sözleri, öwüt-ündewleri bilen ýaşaýar.

«Magtymguly bir ummandyr, düýbüne çümmeseň, onuň dürlerini çöpläp bilmersiň. Magtymguly bir asmandyr, ýyldyz bolup beýgelmeseň, onuň belentligine göz ýetirip bilmersiň. Magtymguly bir ynsandyr, beýik häsiýetlere eýe bolmasaň, onuň kämilligine akyl ýetirmek mümkin däldir. Magtymguly bir yhsandyr, onuň adamzat üçin rehmetdigini duýmaýan adam paýhasly sözüň nygmatdygyna hem düşünýän däldir». Şeýle diýmek bilen döwlet Baştutanymyz beýik filosof, akyldar şahyr Magtymguly Pyraga düşünmek üçin onuň belent joşguna, çuň ylhama ýugrulan şygyrlary, umumadamzat gymmatlygyna öwrülen pikir-garaýyşlary, ideýalary bilen yzygiderli tanyşmagyň möhümdigini belleýär. Bu parasatly pikirler diňe bir türkmen alymlaryny däl, eýsem, daşary ýurtly alymlary hem köpden bäri gyzyklandyryp gelýär. Dana Pyragynyň tutuş adamzady agzybirlige, parahatçylyga, dost-doganlyga çagyrýan şygyrlary ynsan kalbynyň öçmejek nury bolup, älem-jahany ýagtylandyrýar.

**Nurjahan BEGŞADOWA,**
*Ak bugdaý etrabyndaky ýöriteleşdirilen 8-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Gyş paslynda möwsümleýin döreýän kesellerden goranyň!

- ☑ Ýiti respirator keseli ýokary dem alyş ýollarynyň, ýagny agyz boşlugynyň, bokurdagyň, burnuň nemli bardalaryna zeper ýetmegi bilen ýüze çykýar.
- ☑ Ýiti respirator ýokanç keselleriň öňüni almak üçin pasla görä geýinmeli. Bu keseli döredijі wiruslar köp görnüşli bolup, olar howa-damja ýoly arkaly näsag asgyranda, üsgürende, gündelik ulanylýan gap-gaçlaryň üsti bilen beýleki adamlara ýokuşyp bilýär.



- ☑ Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylygy babatdaky tertip-düzgünleri berjaý etmeli. Eliňizi arassa saklamaly. Burnuň nemli bardasyna «Oksolin» melhemini çalmaly.
- ☑ Eger özüňiz ýa-da maşgala agzalaryňyň biri ýiti respirator ýokanç keseli bilen näsaglan bolsa, lukmana ýüz tutmaly we diňe maşgala lukmany tarapyndan bellenen, ýöriteleşdirilen bejergini almaly.
- ☑ Gyzyl burç goşulan unaş içmeli. Gyzyl burçuň düzümindäki fitonsidler, peýdaly maddalar adam bedeniniň kesele garşy göreşijilik ukybyny ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Unaş möwsümleýin keselleriň öňüni almakda we olary ýeňil geçirmekde hem örän peýdalydyr. Naharyň gapdalyndan sogan we sarymsak iýmeli.
- ☑ Bedeniň kesele garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän itburun, çopantelpek, buýanyň köki, käkilik oty, keýik oty, alyç ýaly dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlaryny içmeli.
- ☑ Gyş paslynda adamlaryň, ylaýta-da çagalaryň başy ýaglyk ýa-da başgap bilen örtülen bolmaly. Olaryň aýakgaplary özüne laýyk, rahat, ýyly hem-de dabany düz bolmaly.
- ☑ Keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny maşgala lukmanyňyz bilen maslahatlaşyp almaly.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## Ýaponlaryň sagdyn durmuş ýörelgeleri

Ýaponlar uzak ýaşaýandygy bilen tanalýar. Bilermenler munuň diňe ýurduň daglyk we deňze golaý tebigaty däl-de, gündelik endikleri bilen hem baglydygyny belleýärler. Ýaponlar naharlananda, adatça örän haýal iýýärler. Bilermenleriň bellemeklerine görä, bu ýagdaý iýmitiň has gowy siňmegine sebäp bolýar. Şeýle hem bu ýurduň saçagynda goýulýan iýmitiň görnüşi köp, möçberi az bolýar. Ýagny olar her zatdan az mukdarda iýýärler. Şeýlelikde, olar deňagramly iýmitlenýärler. Beýleki Uzak Gündogar ýurtlarynda bolşy ýaly ýaponlar günüň dowamynda fiziki işjeňligi unutmaýarlar. Pyýada gezelenç etmek, welosiped sürmek ýaponlaryň gündelik pişesi hasaplanýar. Günüň dowamynda fiziki taýdan işjeň bolnan ýagdaýynda sport zalyna gatnamazdan hem bedeniňi kadaly agramda saklap bolýar. Saçakdan doýmankaň turmak hem ýaponlaryň endikleriniň biridir. Ýaponçada 80 göterim doýýançaň iýmelidigini aňladýan jümle bar. «Hara Hachi Bu» atly bu endik köp ýyllardan bäri bar. Saglyk üçin peýdasy köp bolan gök çaý hem ýapon medeniýetinde uly orun tutýar. Gök çaý bedendäki artykmaç ýagy aýyrmaga we metabolizme ýardam edýär.



**Şirin ANNANUROWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## 14 ýaşly astronom

Hindistanyň Noida şäherinde ýaşaýan 14 ýaşly Dakş Malik ozal ylym dünýäsine mälim bolmadyk asman jisimini tapdy. 9-njy synpda okaýan Malik bir ýarym ýyllap geçiren gözleg işleriniň netijesinde Mars bilen Ýupiteriň aralygyndaky asteroid guşaklygynda ýerleşýän asteroidi tapdy. Wagtlaýynça «2023 OG40» diýlip atlandyrylan asteroide NASA tarapyndan tassyklanandan soňra hemişelik at berler. Bu ady bolsa Malik saýlar.



«Shiv Nadar» atly mekdepde okaýan Malik kiçiliginden bäri asman jisimleri bilen gyzyklanyp, dokumental gepleşiklere tomaşa edýän eken. 2022-nji ýylda Malik we onuň synpdaşlary Halkara Astronomik barlag hyzmatdaşlygy (IASC) maksatnamasyna gatnaşypdyr. Bu maksatnama okuwçylara we beýleki isleg bildirýänlere NASA-nyň maglumatlaryny seljermäge we bar bolup biljek asman jisimlerini gözlemäge mümkinçilik berýän eken. Malik birnäçe wagt gözleg işlerini geçirenden soňra asman jisiminiň üstünden barypdyr.

**Döwran NEPESOW,**
*Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň terbiýeçisi.*

## Ýewropanyň «Silikon jülgesi» gurlar

Angliýanyň Maliýe ministri Reýçel Rews Ýewropanyň «Silikon jülgesi» bolmagyna garaşylýan «Oksford-Kembrij ösüş koridory» taslamasynyň durmuşa geçiriljekdigini mälim etdi. Ýurduň ykdysadyýetine goşant goşmagyna garaşylýan taslama dünýäniň öňdebaryjy okuw mekdepleriniň we innowasiýa merkezleriniň ýerleşýän şäherlerini öz içine alar. Sebitde önümçilik, emeli aň tehnologiýalary ýaly ugurlarda iş alyp barýan tehnologiýa firmalary hem köp. Bu şäherleri has-da ösdürmek üçin gerekli infrastruktura üçin maýa goýum goýberiler.



## Hytaýda Täze ýyl bellenilýär

29-njy ýanwarda Hytaýda Täze ýyl dabaralaryna badalga berildi. Ýurduň iň uly baýramçylygy hasaplanýan Hytaý Täze ýyly (Bahar baýramy) bu ýyl 29-njy ýanwardan 4-nji fewral aralygyna gabat gelýär. Baýramçylygyň bellenilýän güni Aý senenamasy ulanylýandygy sebäpli her ýyl üýtgeýär. Şu ýyl Hytaýda Ýylan ýyly başlandy. Adatça bu baýramçylyk bir hepde dowam edýär. Däp bolşy ýaly, uzakda ýaşaýanlar bu baýramçylygy bilelikde geçirmek üçin maşgala agzalarynyň ýanyna gidýärler. Çagalara sowgatlar gyzyl bukjanyň içine salnyp berilýär. Köçeler gyzyl çyralar bilen bezelýär we dürli çäreler geçirilýär.



Baýramçylyk sebäpli şäherara gatnawlar hem artýar. Ýurduň bütin çäginde gatnaw ýygylygy bir aý töweregi dowam edýär.

**Patyşaguly GARAJAÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Arkadag şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, uly leýtenant.*

## Diňe elektroulag ulanjak ilkinji ýurt bolar

Ýewropanyň nebit-gaz ýataklaryna baý ýurdy bolan Norwegiýa ilat sany hasaba alnanda iň köp elektroulag ulanylýan döwlet hasaplanýar. 2010-njy ýylda ýurtdaky elektroulaglaryň sany umumy awtoulaglaryň 1 göteriminden hem azdy. Geçen ýyl bu görkeziji 88,9 göterime ýetdi. Ýurtda benzin ýa-da dizel ýaly nebit ýangyjy bilen işleýän ulaglaryň sany barha azalýar. Norwegiýanyň awtoýollary edarasynyň taýýarlan maglumatyna görä, ýylyň başynda satylan ulaglaryň 96 göterimini elektroulaglar emele getiripdir. Bu bolsa ýurtda diňe elektroulag satyljak günleriň daşda däldigini görkezýär. Norwegiýanyň elektroulaglar jemgyýeti (NEVA) üstümizdäki ýylda satyljak ulaglaryň 95 göteriminden gowragynyň elektroulag boljakdygyny çaklaýar.



**Ogulsabyr GOÇYÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*

## Ses tizliginden geçdi

«Boom Supersonic» kompaniýasynyň işläp taýýarlan ýolagçy uçarynyň nusgalyk görnüşi ses tizliginden geçdi. ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatyndaky Mohawe çölünde geçirilen synagda 64 orunlyk uçaryň «Overture» atly has kiçi görnüşi ulanyldy. Häzire çenli birnäçe synagdan geçirilen bu uçar mundan sekiz ýyl ozal peýda bolupdy. Aşa ýokary tizlikli uçardan eýýäm «American Airlines» we «Japan Airlines» ýaly käbir awiakompaniýalar sargyt edipdir. Uçary kämilleşdirmek üçin synaglaryň dowam etdiriljekdigi mälim edildi. Häzire çenli täjirçilik maksatly diňe «Concorde» uçarlary yzygiderli ulanylypdy. Bu uçardan birnäçesi 1970-nji ýyllardan 2000-nji ýyllaryň başlaryna çenli ulanylypdy.



**Nurana ALLAGULYÝEWA,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## «Visa» bilen hyzmatdaşlyk eder

Ozalky ady «Twitter» bolan X jemgyýetçilik tory «X Money» atly maliýe hyzmatyny hödürlemek üçin «Visa» bilen hyzmatdaşlygy ýola goýandygyny mälim etdi. Bu hyzmat ulanyjylara dürli maliýe ýeňilliklerini hödürlär. Onuň çäklerinde dörediljek «X Wallet» (elektron gapjyk) arkaly bank hasabyndan peýdalanyp, pul geçirip, töleg edilip bilner.




Hyzmatyň has giňeldilmegine, başga kompaniýalar bilen hem hyzmatdaşlyk edilmegine garaşylýandygy bellenildi.

## Iň köp gatnawly aeroportlar

Halkara Howa Gatnawlary Bileleşiginiň (IATA) bilermenleri 2025-nji ýylda uçar arkaly syýahat edenleriň sanynyň geçen ýyldakydan 6,7 göterim ýokarlanyp, 5,2 milliarda ýetjekdigini çaklaýarlar. Awiasiýa pudagy bilen bagly maglumatlary taýýarlaýan «Official Aviation Guide» (OAG) kompaniýasy dünýäniň iň köp gatnawly aeroportlarynyň sanawyny taýýarlady. Ozalky ýyllarda bolşy ýaly, sanawyň başyny ABŞ-nyň Atlanta Hartsfild-Jekson aeroporty eýeleýär. Bu aeroportdan 62,7 million ýolagçy peýdalanypdyr. Bu howa menzilinden 2019-njy ýylda 63 million 312 müň ýolagçy geçen eken.



Sanawyň ikinji ornunda Dubaýyň Halkara howa menzili (60,2 million) bar. Emirligiň howa menzilinden geçen ýolagçylaryň sany 2019-njy ýyldakydan 12 göterim ýokary bolupdyr. Umumy sanawda ikinji hem bolsa, bu aeroport halkara ýolagçylar hasaba alnanda birinji ýeri eýeleýär. Tokionyň Haneda aeroporty 55,2 million ýolagçysy bilen üçünji, Londonyň Hitrou howa menzili 51,5 million ýolagçysy bilen dördünji ýeri eýeledi. London halkara ýolagçy gatnawynda ikinji, Ýewropada bolsa birinji ýeri eýeledi.

«Dallas Fort Worth» (Tehas/ABŞ), «Denwer» (Kolorado/ABŞ), «Guançžou Baýýun» (Hytaý), «Stambul» (Türkiýe), «Pudun» (Hytaý) we «O'Hara» (Çikago/ABŞ) ilkinji onluga girdiler.

**Merjen GELDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*

## Turbina diwary gurlar

Inženerler tebigatyň güýjünden has netijeli peýdalanyp, elektrik energiýasyny öndürmegiň täze usullaryny işläp taýýarlaýarlar. «Enova» kompaniýasy has uly ýel turbinalaryň diwaryny gurmagy meýilleşdirýär. Norweg kompaniýasy munuň üçin 1,2 milliard kron (107 million dollar) bölüp berdi. Bu taslamany «Wind Catching Systems» (WCS) kompaniýasy 2029-njy ýyla çenli durmuşa geçirer. Kenara golaý ýerde, suwuň içinde gurulýan ýel beketleri yzygiderli şemal öwüsýändigi sebäpli has ýokary netije berýär. Şeýle hem bu desgalary gurmak üçin haýsydyr bir maksat üçin ulanylýan ýeri boşatmaga zerurlyk duýulmaýar. Soňky ýyllarda ýel beketleriniň has ululary döredilip, olaryň önümçilik kuwwaty güýçlendirildi.



2017-nji ýylda döredilen WCS kompaniýasy az ýerde has öndürijilikli turbinalary gurmagyň ýollaryny gözledi. Netijede, inženerler bir sany uly turbinanyň deregine, kiçi, emma köp turbinany bir diwaryň ýüzüne ýerleşdirmegi makul bildiler. Kompaniýanyň inženerleri bu usulyň adaty üç perli turbinadan 2,5 esse öndürijiliklidigini belleýärler.

Synag maksatly ýel turbina diwary Bergen şäheriniň golaýynda kenarýakada gurlar. Taslama ýurduň Daşky gurşaw ministrligi hem maliýe goldawyny berer. Bu desganyň önümçilik kuwwaty 40 MW bolar.

**Maksat GURBANOW,**
*Saýat etrabynyň 50-nji orta mekdebiniň müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 31-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115666
Belgisi: 5/1623
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# PARAHATÇYLYK – BAGTYÝARLYGYŇ AÇARY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Türkmenistan Ýer ýüzünde parahatçylygyň, howpsuzlygyň binýadyny pugtalandyrmakda, syýasy-diplomatik, ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlardaky hyzmatdaşlygyň netijeli görnüşlerini işläp taýýarlamakda halkara giňişlikdäki işjeň ornuny barha berkidýär. Häzirki döwürde öz üstüne alan halkara borçnamalaryna üýtgewsiz ygrarlydygyny görkezýän Bitarap ýurdumyz sebitiň we dünýäniň parahatçylyk döredıji merkezi hökmünde ykrar edildi.

Ylalaşdyryjy merkez bolup çykyş edýän ýurdumyz sebitde we dünýäde parahatçylygy berkitmekde giň gerimli işleri alyp barýar. Türkmenistan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna halkara gatnaşyklary ynsanperwerleşdirmegiň örän möhüm döwri hökmünde garaýar. Munuň üçin ýurdumyz ynsanperwer ugurly düzümler bolan ÝUNESKO, ÝUNISEF, BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary komissarynyň müdirligi, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň halkara federasiýasy we beýleki guramalar bilen hyzmatdaşlygyň ýollaryny işjeňleşdirip, hususan-da, bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryny üpjün etmek, eneligi we çagalygy goldamak, ýaşlaryň hemmetaraplaýyn ösmegi, olaryň ylymda, döredijilikde, sportda öz mümkinçiliklerini ulanyp bilmekleri üçin şertleri döretmek ýaly ugurlarda netijeliligini ýokarlandyrmagy maksat edinýär.

Ynsanperwerlik wezipelerini üstünlikli durmuşa geçirmekde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, halkara derejede hem uly ähmiýete eýedir.

Şu ýylyň şygarynda orun alan «Parahatçylyk we ynanyşmak» sözleri hem Türkmenistanyň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň netijesinde diňe oňyn we umumadamzat bähbitli işlere daýanmak bilen, «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň talaplaryny doly we dogry ýerine ýetirýändigini, şeýle hem öz üstüne alan borçnamalaryna ygrarlydygynyň subutnamasy bolup, ýurdumyzyň alyp barýan oňyn Bitaraplyk, parahatçylygy söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleriniň we giň halkara hyzmatdaşlygyna esaslanýan daşary syýasy ugrunyň netijelidigini görkezýär. Bu syýasatyň ählumumy bähbitlere laýyk gelýändigini Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny Birleşen Milletler Guramasynyň üýtgewsiz goldaýandygy ýene-de bir gezek aýdyň subut etdi.

2025-nji ýyl halkara derejede ýene bir möhüm senäniň bellenilýän ýylydyr. Bu ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagyna 80 ýyl dolýar. Bu hem dünýä taryhynyň ösüşine uly täsir eden wakadyr. Şu geçen döwrüň dowamynda Birleşen Milletler



Guramasy parahatçylyk ýörelgelerini ýaýmakda esasy merkez bolup, ýüze çykýan çylşyrymly ýagdaýlaryň çözgüdini tapmakda her bir döwletiň öz sesi bilen çykyş etmegine mümkinçilik berýän täsirli münbere öwrüldi. BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş Gahryman Arkadagymyz bilen bolan telefon söhbetdeşliginde Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek işinde bu iri halkara guramanyň möhüm hyzmatdaşy bolup gelýändigini belläp, bu ugurda döwletimiziň bitirýän işlerine öz hoşallygyny bildirdi.

Berkarar Watanymyzyň – Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara syýasy, durmuş-ykdysady we medeni giňişligindäki barha artýan hem-de eýeleýän mynasyp orny ýurdumyzyň dünýä döwletleri bilen alyp barýan ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň geriminiň giňdigi, alyp barýan oňyn ýörelgeleri bilen kesgitlenýär. Şeýlelikde, ata Watanymyz parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoluna düşmek bilen, ýurdumyz şu belent maksada tarap ynamly öňe barýar. Şeýle ajaýyp başlangyçlaryň gözbaşynda duran Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Baýrammuhammet ATAGULYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy.*

# Innowasion tehnologiýa: önümçilikde ýokary netije we hil

**Ýurdumyzyň pudaklaryna, şol sanda hususy pudaga innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, şonuň netijesinde-de azyk howpsuzlygyny pugtalandyrmak hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan ykdysady syýasatynyň möhüm ugry bolmagynda galýar. Oba hojalygynda, şol sanda maldarçylyk pudagynda toplumlaýyn özgertmeleriň amala aşyrylmagy, fermer hojalyklarynyň döredilmegi, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça Döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi, ykdysadyýetiň hususy ulgamynyň, kiçi we orta telekeçiligiň hemmetaraplaýyn goldanylmagy netijesinde ulgamda ýokary üstünlikler gazanylýar.**

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hususy kärhanalar tarapyndan ýerli tebigy çig maldan öndürilýän önümleriň sanawynda süýt, peýnir, gatyk, dorog ýaly süýt önümleriniň onlarça görnüşi bar. Bu ugurdaky işleriň ýaýrawynyň barha giňemeginde häzirki zamanyň iň täze gazananlarynyň – innowasion tehnologiýalaryň önümçilige ornaşdyrylmagynyň ähmiýeti uludyr. Hususy telekeçiler we işewürler tarapyndan ýurdumyzda gürrüňi edilýän önümleri öndürýän kärhanalaryň onlarçasynyň gurlup işe girizilmegi, olarda ylmyň iň täze gazananlarynyň ornaşdyrylmagy hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda importyň ornuny tutýan we eksporta gönükdirilen önümçilikleri ýola goýmak babatdaky talaplaryna mynasyp jogapdyr. Netijede, ýurdumyzda öndürilýän süýt we süýt önümleri eýýäm alyjylaryň ýokary isleginden peýdalanyp, olaryň hyrydary daşarky bazarlarda-da barha artýar. Munuň özi «Türkmenistanda öndürildi» diýen belgili şeýle önümleriň ekologiýa taýdan arassadygyndan, jana ýaramlydygyndan, bahalarynyň elýeterlidiginden habar berýär. Türkmen telekeçileriniň bu ugurda ornaşdyran innowasion tehnologiýalary sygyr süýdünden taýýarlanýan peýnirler bilen birlikde, geçi süýdünden hem peýniriň birnäçe görnüşini öndürmäge mümkinçilik berdi. Türkmenistanda senagat möçberinde saýlama geçi peýnirleriniň, şol sanda ýagsyz peýniriň we dürli göterimli ýagly peýniriň, pasterizirlenen geçi süýdüniň önümçiliginiň ýola goýulmagy hem şunuň bilen baglanyşyklydyr.**



**Döwlete dahylsyz pudagyň wekilleri adaty peýnir bilen birlikde, pizza taýýarlamak üçin niýetlenen peýnirleriň önümçiligini hem ýola goýdy. Şonuň netijesinde, bu ugurdaky önümçiligiň gerimi barha giňeldilýär. Peýniri gaýtadan işlemek arkaly alynýan şöhlatly, kakadylan, ýumşak görnüşli peýnirler hem giňden öndürilýär. Bularyň ählisi ozal import edilýän şunuň ýaly önümleriň indi özümizde öndürilmek bilen birlikde, diňe bir içerki bazary üpjün etmän, eýsem, eksport etmäge hem mümkinçiligiň dörändigini aňladýar.**

**Bahar BAÝRAMOWA,**
***Arkadag şäherindäki 20-nji çagalar bagynyň müdiri.***

# TARYHY EÝÝAMYŇ BEDEW BADY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şonda esasy iri desgalarymyzyň köpüsi täsin binagärlik keşbi, ekologiýa zyýansyzlygy, hiliniň ýokarylygy bilen Ginnesiň rekordlar kitabynyň, şeýle-de dünýäniň iri halkara guramalarynyň sertifikatlaryna mynasyp boldy.

Eziz Watanymyzyň ähli künjeginde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň beýik başlangyçlary bilen gurlup, ulanylmaga berilýän täze binalaryň sanynyň has köplügi bilen ýurdumyzyň ähli welaýatlary, şol sanda goýny 360 pirli Daşoguz welaýaty hem täze belentliklere ýetdi, buýsançlaryň, alkyşlaryň owazlanýan künjegine öwrüldi. Daşoguz welaýaty Garaşsyzlyk ýyllarynda uly üstünliklere eýe boldy. Welaýatda ykdysadyýet, medeniýet, saglygy goraýyş, ylym-bilim ulgamlary ösdi, ilatyň hal-ýagdaýy has-da gowulandy. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň beýik başlangyçlary, sahawaty bilen welaýatda hassahanalaryň, saglyk öýleriniň we merkezleriniň, orta mekdepleriň we mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, medeniýet öýleriniň, sport desgalarynyň, şeýle-de önümçilik maksatly zawod-fabrikleriň, döwrebap ýaşaýyş jaýlarynyň ençemesi gurlup ulanylmaga berildi. Welaýatda



täze önümçilik desgalarynyň işe girizilmegi milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşini üpjün edýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda uludan toýlanylan hemişelik Bitaraplygymyzyň 29 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda Daşoguz şäherinde döwrebap täze ýaşaýyş jaýlar we desgalar toplumynyň açylyp ulanylmaga berilmegi ähli ildeşlerimiziň baýramçylyk şatlygyny goşalandyrdy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 27-nji maýyndaky degişli Kararyna laýyklykda, Daşoguz şäheriniň çäginde 1496 hojalyga niýetlenen ýaşaýyş jaýlar we desgalar toplumy bina edildi. Bu ýerde 70 sany 4 gatly, ähli amatlyklary bolan döwrebap ýaşaýyş jaýlary, orta mekdep, çagalar bagy, saglyk, söwda merkezleriniň gurulmagy şäher ilatynyň döwrebap şertlerde ýaşamaga, medeniýetli dynç almaga bolan islegini kanagatlandyrýar. Ulanylmaga berlen döwrebap ýaşaýyş jaýlaryndan öý edinen bagtyýar ynsanlaryň Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarynyň çägi ýok.

Şäheriň görküni artdyrýan bu ajaýyp binalaryň tutuş durkunda milli ýörelgelere ygrarlylygyň döwrümize mahsus aýratyn alamatlary jemlenýär. Günsaýyn gözelleşýän, ösýän-özgerýän, Gün nuruna öwşün atýan, Aýyň şuglasyna ýagty saçýan binalary bilen haýran galdyrýan Daşoguz şäheriniň ilatynyň ýüz keşbinde agzybirlige hem jebislige buýsanç görünýär. Bu binalar, bir tarapdan, döwletimiziň ykdysady binýadynyň berkdigini görkezse, ikinji tarapdan, hormatly Prezidentimiziň öz raýatlaryny has bagtyýar hem-de eşretli durmuşda ýaşatmak üçin amala aşyrýan beýik işlerinden anyk mysallar bolup durýar. Gurulýan dürli maksatly binalar türkmen halkynyň galkynan göwni bolup, al-asmana galýar. Biz aklyga beslenen şol binalaryň depesinden ak ertirlerimize bakyp, ýagty geljegimizi görýäris hem-de özümizi şeýle bagtyýar durmuşa ýetiren Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýüregimizden alkyş sözlerini aýdýarys.

**Didar OSMANOW,**
*TDP-niň Daşoguz şäher komitetiniň partiýa guramaçysy, welaýat halk maslahatynyň agzasy.*

# Kitap – ruhy baýlygymyz

**Diýarymyzda kitaphana işi kämilleşdirilýär, kitaphanalaryň kitap gorlary ýylsaýyn baýlaşdyrylýar. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde medeniýet ulgamyny ösdürmek meselelerine üns berilmek bilen, häzirki zaman elektron enjamlary bilen üpjün edilen kitaphanalar hereket edýär. Bu bolsa adamlaryň, şol sanda ýaşlaryň kitaba, aň-paýhasa, ylma bolan gyzyklanmasyny ýokarlandyrýar.**

**Golaýda hormatly Prezidentimiziň gol çeken resminamasyna laýyklykda, «Medeniýet hakynda», «Kitaphanalar we kitaphana işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda taýýarlanan «Türkmenistanyň kitaphana ulgamyny ösdürmegiň 2025 – 2029-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» tassyklandy. Bu Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi kitaphana işiniň dünýä ylmynyň gazananlaryna, ylmy-tehniki ösüşe, milli ýörelgelerimize laýyklykda kämilleşdirilmeginde uly ähmiýete eýe bolar. Hususan-da, kitaphanalaryň gaznasynda saklanylýan neşir önümleriniň hasabyna dürli neşir önümleri – has köp okalýan kitaplar, okuw-usulyýet, ylmy edebiýatlar, çeper eserler, ensiklopediýalar, sözlükler neşir ediler hem-de kitaphanalara ýaýradylar.**



**Diýarymyzda ylym, bilim, medeniýet ulgamlarynda durmuşa geçirilen düýpli özgertmeler, gazanylan netijeler, kitaba, kitaphana berilýän ünsi has güýçlendirdi. Ýurdumyzyň welaýatlarynda, etraplarynda, şäherlerinde maddy-enjamlaýyn binýady innowasiýalara esaslanýan bilimler çeşmesiniň merkezleri döredildi. Şonuň netijesinde, Daşoguz, Balkan, Mary, Lebap welaýatlarynyň merkezlerinde, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde täze kitaphanalar ulanmaga berildi. Olarda çaphana önümlerini, golýazmalary we gadymy kitaplary saklamak üçin häzirki zaman şertleri döredildi.**

**Ýurdumyzyň iri kitaphanalarynyň biri hem Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasydyr. 1941-nji ýyldan bäri hereket edip gelýän kitaphanada köp sanly ylmy neşirler bolup, Türkmenistanda ylmyň we tehnikanyň ösmegine, olaryň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmaga, ykdysadyýetiň we medeniýetiň ýokary galmagyna hemaýat edýär. Kitaphana ylmy edebiýatlaryň umumy hazynasyny döredýär; Türkmenistanyň YA-nyň ylmy edaralaryny we dürli pudaklarda işleýän hünärmenleri, medeniýet işgärlerini kitaphanaçylyk bibliografiki hyzmat bilen üpjün edýär; kitaphanaşynaslyk, bibliografiýaşynaslyk we kitabyň taryhy ugurlary boýunça ylmy-barlag işlerini alyp barýar.**

**Ruhy baýlygymyz hasaplanýan kitaplaryň aýawly saklanmagyna hem-de kitaphana işiniň döwrebap derejede ösdürilmegine uly ähmiýet berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, alyp barýan döwletli işleriniň rowaçlyklara beslenmegini tüýs ýürekden arzuw edýäris.**

**Nartäç ABDYÝEWA,**
***Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasynyň esasy kitaphanaçysy.***

# SALAM – EDEBIŇ BAŞY

Adamzat siwilizasiýasynyň irki döwürlerinden bäri dowam etdirilýän birnäçe däp-dessurlar, edim-gylymlar bar. Şolaryň biri-de salamlaşmak edebidir. Salamlaşmak birek-birekden saglyk-amanlyk soraşmakdyr. Salamlaşmak hormat-sylagdan nyşandyr. Ol edep-ekramyň baş görkezijisidir, adamkärçiligiň ýaranydyr. Umuman, halkymyzda edebiň başy hasaplanylýan salamy hiç kimden gysganmazlyk, adamkärçilikli, açyk göwünli bolmak, töweregimizdäkilerde ýakymly duýgulary döredýär. Ata-babalarymyz salamlaşmak edebini kiçilikden başlap öwredipdirler. «Salama Taňry salamy, myhmana Taňry myhmany» diýilmegi-de ýönelige däl. Adamkärçilik hem salamdan başlanýar, salam berlende we alnanda ol mähir bilen ýürekden aýdylyp, iki tarapyň hem mertebesi deň-derejede hormatlanmalydyr. Bu edebi, ylaýta-da ýaş nesilleriň göwnejaý berjaý etmegi zerurdyr. Çünki ýaşlara olaryň salamlylygyna garap, maşgalasynda berilýän terbiýä hem baha berilýär. Ol diňe bir adamyň özüni bezeýän häsiýet bolman, alkyşa mynasyp bolan özüňi alyp barmaklykdyr. Şeýle-de bu ýagdaý asylly edep-terbiýe alandygyňy görkezýän aýdyň görkezijidir.

Il arasynda «Agzy salamly – köňli kelamly» diýen aýtgy bar. Salamlaşmagyň baş atmak, elleşmek, egne kakmak, söz bilen salamlaşmak... ýaly görnüşleri bolup, olaryň hemmesi-de birek-birege hormat-sarpanyň beýany bolup şöhlelenýär. Şeýle-de ozaldan gelýän ýol-ýörelgelerimize, däp-dessurlarymyza laýyklykda, kiçiniň ula, azlygyň köplüge, ýöräp barýanyň oturana, ulagly barýanyň pyýada salam bermegi dogry hasaplanýar. «Çaga eziz, edebi ondanam eziz» diýýän halkymyzda her bir maşgalada çaga alty, ýedi aýlyk bolanyndan eýýäm «Hany, salam edeli» diýlip, onuň kiçijik elini tutup, salamlaşmak edebi öwredilip başlanýar. Biz taryhyň haýsy döwrüne ser salanymyzda hem salamlaşmak edebiniň hiç haçan ünsden düşürilmändiginiň şaýady bolýarys. Ýazyjy-şahyrlarymyzyň eserlerinde, goşgularynda, dessanlarda salamlaşmak edebi hakyndaky pikir-garaýyşlara häli-şindi duşýarys.



Türkmenistanyň halk ýazyjysy Kerim Gurbannepesowyň goşgusynda şeýle setirler bar:

***Duşmanyň bolsa-da, salamyny al,***
***Salama hormat bor, özüňe sapak.***

Şahyr şeýle diýmek bilen, tersleşen, öýkekine edişen adamyňa sataşsaňam, salamyny almalydygyny ündeýär. Salamyň hemişe uly hormata eýe bolmalydygyny nesihat edýär.

Salamlaşmak edebiniň halkymyzyň köpasyrlyk taryhynda milli mirasymyzyň, ýol-ýörelgelerimiziň, däp-dessurlarymyzyň aýrylmaz bir bölegidigi aýratyn bellenilmeli ýagdaýdyr. Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen neşir edilen «Paýhas çeşmesi» atly kitapdaky nakyllarda we atalar sözlerinde hem salamlaşmagyň edebi hakynda bellenilýär. «Edebiň ýagşysy – salam bereni, ýakynlyk ýagşysy – baryp-geleni», «Salamyň nähili bolsa, jogabyň hem şonuň ýaly», «Ula salam ber, kiçä – kelam» ýaly jümleleri okap, salamlaşmak edebiniň halkymyzyň medeniýetini, ahlak kadalaryny açyp görkezýän durmuş hakykatydygyna göz ýetirýärsiň.

Hadysda: «Salam beriji bir adam salama başlasa, ol tekepbirlikden halasdyr» diýlip bellenilýär. «Kowusnamada» bolsa: «Goňşyň ýaş çagalaryny görseň, ogşap, bagryňa basgyn. Mähelledäki garrylar bilen saglyk-amanlyk soraş, olaryň hormatyna eýe bol» diýilýär. Salamlaşmak edebi ýokary adamkärçilikden nyşan bolup, adamzat gatnaşyklary hem şol sözden başlanýar. Salamlaşmak birek-birege parahatlyk, abatlyk, saglyk dilemekdir. Halkymyzda «Edebiň başy salamdan başlanýar» diýlip ýöne ýere aýdylmaýar. Bu sözüň özeninde adamlaryň arasyndaky ýürekdeşlik, hoşniýetlilik, adamkärçilik şöhlelenýär. Adama howanyň, suwuň, iýmitiň gerek bolşy ýaly, onuň edebi-de gerekdir. Türkmençilikde salamlaşmak edebiniň şeýle asylly kadalary halkymyzyň öz milliligine, urp-adatlaryna goýýan sarpasyny alamatlandyrýar. Heňňamlar aýlanyp, döwürler geçse-de, belent adamkärçilikden nyşan bolan salamlaşmak edebi mydama hormaty, sylagy alamatlandyryp gelýär. Bize bolsa bu dessury berjaý edäýmek galýar.

Şeýle ajaýyp ýörelgäni dowam edip, däp-dessurlarymyzy we milli mirasymyzy has-da baýlaşdyrmaga giň ýol açyp beren Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşymyz çäksizdir.

**Hurmagül ANNAGURBANOWA,**
*Bäherden etrap bedenterbiýe we sport bölüminiň Kärdeşler Arkalaşyklarynyň ilkinji guramasynyň başlygy.*

# KESBINDEN KEMAL TAPAN

Ýurdumyzyň medeniýeti, sungaty öz gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. Türkmen halkynyň milli lybaslary, şaý-sepleri bilen bir hatarda silkme telpekleri hem özüniň owadanlygy bilen aýratyn tapawutlanýan milli gymmatlyklarymyzyň hatarynda durýar. Köneürgenç şäheriniň ýaşaýjysy Abdyrahman Hojaşow hem senetçilik bilen meşgullanyp, il içinde adygan ynsanlaryň biri hökmünde tanalýar. Ýakynda biz Abdyrahman aganyň döwletli maşgalasynda myhmançylykda bolup, silkme telpekleriniň tikilişi barada söhbetdeş bolduk.

***– Abdyrahman aga, her bir ynsanyň belli bir käri saýlap almagyna nämedir bir zat sebäp bolýar. Siziň bu kesp-käri saýlap almagyňyzda halypa-şägirtlik ýolunyň täsiri barada aýdyp beräýseňiz.***

– Meniň ilkinji halypam kakam içmek we telpek tikerdi. Ýaşlygymdan onuň ýanynda bolup, bu käri öwrendim. Indi telpek tikmek bilen kyrk ýyldan gowrak wagt bäri meşgullanýaryn. Häzirki wagtda agtyklarym Kakageldi, Hezretaly bu senetçilige juda höwesli. Olar meniň ýanymda bolup, ähli işlerde ýakyn ýardamçylarym bolýarlar, telpek tikmegiň inçe syrlaryny öwrenýärler.

***– Telpek tikmek üçin nähili deriniň saýlanyp alynmalydygyny we nähili tikilýändigini hem düşündirip beräýseňiz.***

– Telpek saryja goýnuň derisinden tikilýär. Maý aýynda derileri alýarys. Şondan soň iki aýlap derileri eýleýäris. Deriniň eýlenmeginiň sebäbi çig deriden telpek tikip bolmaýar. Ilki bilen alan derimiz sowamanka duzlap, kölegede bir hepde goýýarys. Soňra gatyk bilen uny hamyrmaýa salyp ajydýarys. 25 dereje ýylylykda üç günläp orap goýýarys. Muňa başgaça deriniň «aşy» diýip hem aýdylýar. Üç günden soň deriniň aşyny ýene täzeleýäris. Soňra ondan galan aşy beýleki derä geçirip orap goýýarys. Her bir derini şeýle usul bilen iki aýyň dowamynda eýleýäris. Agtygym Hezretaly pilçäniň kömegi bilen ilki deriniň hamyny aýyrýar. Soňra hamy aýrylansoň, daşyň kömegi bilen derini sürýär, deriniň has-da zyba bolmagy üçin käse bilen tekizlenýär. Taýýar derini ortarasyndan belläp alyp, dürli ölçegdäki ülňiniň kömegi bilen iki bölek edip kesýäris. Soňra ikisini birikdirip tikýäris. Telpegiň depesi üçin hem ýörite ülňä laýyklykda ýarym aý şekilinde edip iki bölek derini kesip alýarys. Ýarym aý edip kesip almagymyzyň sebäbi, deriniň zaýa bolmazlygy üçin edilýär. Ýarym aý şekilde edip kesilip, birikdirilip tikilen tegelek deri bölegini taýýar tegelek edip tikilen telpege birikdirýäris. Netijede, telpegiň daşy taýýar bolup, oňa diňe içlik goýaýmaly bolýar. Ozal içlikler keçeden goýlupdyr. Häzirki wagtda bolsa pagta goýup, syrlan matadan goýýarys. Şeýle hem, alkymyzyň islegine görä, içligini nämeden goýmalydygyny aýdylsa, şoňa laýyklykda goýýarys.



***– Telpegiň tüýüniň käbiri uzyn, käsi bolsa gysga bolýar. Onsoňam nähili telpegi haýsy ýaşdaky adamlar geýmeli? Şular dogrusynda hem durup geçäýseňiz.***

– Telpegiň tüýüniň uzynlygy ýa-da gysgalygy goýnuň ýaşyna bagly bolýar. Ak telpekleri ýetginjekler ýa-da bagşy-sazandalar geýýär. Gara telpekleri bolsa, uly adamlar, ýaşulular geýýärler.

***– Silkme telpekleriň adam saglygyna peýdasy barada hem aýdyp beräýseňiz.***

– Halkymyz türkmen silkme telpeklerine köp isleg bildirýär. Çünki telpekler tomus aýlarynda adam kellesini yssydan, gyş aýlarynda bolsa sowukdan goraýar. Telpegiň içine keçeden içlik goýlanda adam üçin örän peýdalydyr.

***– Abdyrahman aga, beren täsirli gürrüňleriňiz üçin köp sagbolsun aýdýarys. Kesbiňizden kemal tapyň!***

– Bize işlemäge, döretmäge, halal zähmetiň hözirini görüp, eşretli durmuşda ýaşamaga ähli mümkinçilikleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallygymyzyň çägi ýok. Biz hem maşgala agzalarymyz bilen bilelikde mundan beýläk hem halal zähmet çekip, türkmen silkme telpeklerini tikmegi ýaş nesillerimize öwretmegi dowam ederis.

**Gülhumar HOJAHMETOWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşyklarynyň Köneürgenç etrap birleşmesiniň esasy hünärmeni.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Milli senasynyň sazy täzelener.** Saud Arabystany germaniýaly kompozitor Hans Simmere ýurduň milli senasynyň täze sazyny ýazmagy sargyt etdi. Saud Arabystanynyň «Aş al-Malik» (Ýaşasyn, Patyşa!) atly häzirki milli senasynyň sazyny 1947-nji ýylda Patyşa Abdulaziziň haýyşy bilen müsürli kompozitor Abdul Rahman al-Hatib döredipdi.



**Ada auksiona çykaryldy.** Italiýanyň Neapolitan aýlagynda ýerleşýän Punta-Pennata adasy satuwa çykaryldy. «Sotheby's» auksion öýi ada üçin başlangyç bahanyň 5 million ýewrodygyny habar berdi. Adanyň çäginde ýedi otagly, çakyr saklanýan ýerzeminli we gämi duralgasy bolan gurlup gutarylmadyk jaý bar.



**Eewereste çykmak gymmatlady.** Nepalyň häkimiýeti daşary ýurtlular üçin Ewereste (günorta depesiniň beýikligi – 8760 metr) çykmak üçin tölegleri möwsümlere görä ýokarlandyryp, birnäçe çäreleri girizdi. Şeýle hem ýurduň islendik dagyna çykmak üçin her iki alpinistiň ýanynda ýolbelediň bolmalydygy barada karar girizdi.



**Şumaheriň «Ferrarisi» auksionda.** 4-nji fewralda Parižde geçiriljek auksionda Mihael Şumaheriň 1996-njy ýyldaky «Ferrari F355 GTS» awtoulagy satuwa çykarylar. Bu onuň italýan markasyndan ilkinji awtoulagydyr. Şumaher bu ulagy, esasan, Mýunhende sürdi. «Ferrariniň» esasy aýratynlygy Şumaheriň oturgyçdaky awtografydyr.



**Gurluşyk işleri dikeldildi.** «Jeddah Economic Company» (JEC) kompaniýasy Saud Arabystanyndaky «Jeddah Tower» binasynyň gurluşyk işleriniň gaýtadan dikeldilendigini mälim etdi. Uzynlygy 1000 metrden geçýän bu bina dünýäniň iň beýik binasy bolmaga dalaşgärleriň biridir. Binanyň gurluşygynyň 2028-nji ýylda tamamlanmagyna garaşylýar.



**Iň uly dinozawrlaryň yzlary.** Okaýama uniwersitetiniň (Ýaponiýa) we Mongol Ylymlar akademiýasynyň paleontologiýa institutynyň alymlary bilelikdäki barlaglarynyň dowamynda Gobi çölünde iň uly gadrozaurid dinozawrynyň aýak yzlaryny tapdylar. Aýak yzyň ininiň 92 santimetrdiginden çen tutsaň, dinozawryň uzynlygynyň 15 metrden geçendigini çaklamak mümkin.



**Dünýäniň iň arassa şäheri.** Dubaý bäşinji gezek dünýäniň iň arassa şäherleriniň sanawynda birinji orny eýeledi. Bu barada Ýaponiýanyň şäher strategiýasy instituty tarapyndan neşir edilen «Global Power City Index»-iň hasabatynda aýdylýar. Dubaý daşky gurşawyň arassalygy boýunça dünýäniň 47 şäherinden öňe geçdi.



**Rekord derejede syýahatçy kabul etdi.** Müsür geçen ýyl 15,7 million syýahatçy kabul etdi. Ýurduň Syýahatçylyk we gadymyýet ministri Şerif Fathi bu ösüşiň Müsüriň ýolbaşçylary tarapyndan üpjün edilen howpsuzlyk we hökümetiň syýahatçylyk pudagyna berýän goldawy arkaly gazanylandygyny aýtdy.



**Deňinden ýüzüp geçer.** Agramy 1 trillion tonna deň bolan «A23a» aýsbergi Atlantika ummanynyň günorta böleginde ýerleşýän Günorta Georgiýa britan adasynyň deňinden ýüzüp geçer. Arktika we Antarktika barlag institutynyň (AABI) alymlary ada tarap hereket eden aýsbergiň hereketiniň ugruny üýtgedendigini habar berdiler.



**Dünýä rekordyny goýdy.** Germaniýaly 59 ýaşly aerokosmos inženeri Rýudiger Koh suwuň astynda uzak wagtlap ýaşamak boýunça dünýä rekordyny täzeledi. Ol Panamanyň kenarlaryna ýakyn ýerleşdirilen ýörite kapsulada 120 gün ýaşady. Rýudiger Koh geçen ýylyň 26-njy sentýabrynda suw astyna çümdi.



## Lukaşenko täze möhlete saýlandy

**26-njy ýanwarda Belarusda geçirilen Prezident saýlawlarynda ýurduň häzirki Prezidenti Aleksandr Lukaşenko 86,82% ses alyp, ýeňiş gazandy. Bu barada Respublikanyň Merkezi saýlaw topary habar berdi.**

**«Belarus Respublikasynyň prezidentligine dalaşgärlere berlen sesleriň netijesi barada maglumat: Oleg Gaýdukewiç 2,02%, Anna Kanopaskaýa 1,86%, Aleksandr Lukaşenko 86,82%, Sergeý Syrankow 3,21%, Aleksandr Hižnýak 1,74%, dalaşgärleriň hemmesine garşy 3,60% ses» diýip, Merkezi saýlaw topary habar berdi.**

**Saýlaw toparynyň maglumatyna görä, gatnaşyk 85,7% boldy. Bellige alnan saýlawçylaryň ýarysyndan köpüsi syýasy çärä gatnaşan ýagdaýynda saýlawlar geçirildi hasaplanýar. Şeýle-de ses berişlige gatnaşanlaryň ýarysyndan köpüsi belli bir dalaşgäre ses beren bolsa, Prezident saýlanan hasaplanýar.**

**Prezident wezipesi üçin bäş adam bäsleşdi. 1994-nji ýyldan bäri iň ýokary döwlet wezipesini eýeläp gelýän Lukaşenkodan başga-da, Oleg Gaýdukewiç (parlamentiň agzasy, Liberal-demokratik partiýanyň başlygy), Aleksandr Hižnýak (Zähmet we adalat Respublikan partiýasynyň başlygy), Anna Kanopaskaýa (parlamentiň öňki agzasy, 2020-nji ýyldaky saýlawlarda Prezidentlige dalaşgär), Sergeý Syrankow (Belarus Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň birinji sekretary) bar.**



**Gündogar Ýewropada ýerleşýän bu döwletde 9 million 156 müň töweregi ilat bar. Ýurduň paýtagt we iň uly şäheri Minsk. Respublikanyň demirgazyk-günbatary Litwa, günbatary Polşa, demirgazygy Latwiýa, gündogary we demirgazyk-gündogary Russiýa, günortasy bolsa Ukraina bilen serhetleşýär.**

## ENERGETIKA PUDAGYNY ÖSDÜRMEKÇI

ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp Ak Tama gaýdyp gelenden soň ýurduň energetika çykdajylaryny azaltmak maksady bilen milli energiýa pudagyna adatdan daşary ýagdaýy girizmek baradaky karara gol çekdi. «Ýurduň energiýa üpjünçiligindäki ýetmezçiligi we infrastruktura meselesi amerikalylary, esasan hem, pes we durnukly girdejilerde ýaşaýanlary garyplaşdyrýan ýokary energiýa bahalaryna sebäp bolýar» diýlip, kararda bellenilýär.

Resminamada energiýa howpsuzlygy, daşary syýasat we tehnologik innowasiýa ýurduň milli energiýa pudagyna adatdan daşary ýagdaýlaryň girizilmegine täsirini ýetiren faktorlar hökmünde bellenýär. Ýerine ýetiriji edaralaryň ýolbaşçylary «ýurduň energiýa baýlyklaryny ýüze çykarmak, daşamak, gaýtadan işlemek üçin adatdan daşary ygtyýarlyklaryny ulanar» diýlip, kararda bellenilýär.

«ABŞ-nyň Daşky gurşawy goramak boýunça gullugy, E15 benziniň ýylyň dowamynda satylmagyna, ABŞ-da benzin üpjünçiliginde garaşylýan islendik wagtlaýyn kemçilikleriň öwezini dolmak üçin gyssagly çäreleri görmeli» diýlip, kararda bellenilýär.

Şeýle hem resminamada energiýa infrastrukturasynyň ýaýbaňlandyrylmagyny çaltlandyrmak boýunça köptaraplaýyn tagallalar barada beýan edilýär. Adatdan daşary ýagdaý federal hökümete ygtyýarlygyny ulanmak arkaly energiýa önümçiligini artdyrmaga mümkinçilik berer diýlip garaşylýar. ABŞ dünýäde çig nebit we tebigy gaz öndüriji, şeýle hem dünýäde iň uly suwuklandyrylan gaz eksport ediji ýurtdur.



## IRLANDIÝANYŇ TÄZE PREMÝER-MINISTRI

«Fianna Foil» (FF) partiýasynyň lideri Mişel Martin Irlandiýanyň täze Premýer-ministri hökmünde tassyklandy. Muňa Wekiller palatasynda (Doýl, kanun çykaryjy organyň aşaky palatasy) geçirilen ses berişligiň netijeleri güwä geçýär.

Täze dolandyryjy koalisiýanyň 95 agzasynyň hemmesi ozal daşary işler we goranmak ministri bolup işlän we 2020-nji ýyldan 2022-nji ýyla çenli Premýer-ministr bolan 64 ýaşly Martiniň dalaşgärligine ses berdi. FF-den saýlanan 48 wekilden başga-da, oňa «Fine Gael» (FG) partiýasynyň 38 wekili we birnäçe sebitleýin garaşsyz deputat girdi. 76 deputat garşy çykdy. Mejlisiň karary indi Irlandiýanyň Prezidenti Maýkl Higgins tarapyndan tassyklanmaly.

2024-nji ýylyň aprelinden bäri Premýer-ministr bolup işlän FG-niň lideri Saýmon Harris täze Kabinetde Premýer-ministriň orunbasary bolar, şeýle hem hökümet başlygynyň orunbasary bolar. Takmynan, 2027-nji ýylyň ortalarynda koalisiýanyň içinde bir aýlaw bolup, ol ýene-de Premýer-ministriň ornuny eýelär, Martin bolsa ýurduň daşary syýasatyny we goranyşyny dolandyrar hem-de hökümet başlygynyň orunbasary bolar.



## Luwr muzeýiniň durky täzelener

Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron 28-nji ýanwarda Luwr muzeýine baryp görende bu ýerde käbir üýtgeşmeleriň meýilleşdirilýändigini aýtdy. «Luwr gaýtadan abatlanar we giňeldiler» diýip, Fransiýanyň lideri belledi. Makron Medeniýet ministrliginiň «gurluşyk işlerini meýilleşdirmek üçin taslama 10 million ýewro maýa goýjakdygyny» mälim etdi.

Prezident Luwruň gündogar tarapyndaky meşhur desga bolan Perro sütünleri arkaly «täze uly girelge» gurmak meýilnamasy barada durup geçdi. Şeýle hem ol Leonardo da Winçiniň «Mona Liza» kartinasyny muzeýiň beýleki kolleksiýalaryndan aýratyn görmek üçin Luwrdaky «aýratyn ýere» göçürmegiň meýilleşdirilýändigini aýtdy.

Şeýle hem Makron medeniýet ministri Raşida Datiden Ýewropa Bileleşigine girmeýän ýurtlardan gelýän myhmanlar üçin peteklere «has tapawutly bahalaryň» girizilmegini haýyş etdi. Täze bahalar 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girer. Prezident durky täzelenenden soň her ýyl 12 million adamyň Luwr muzeýine baryp biljekdigini aýtdy. 2024-nji ýylda, takmynan, 9 million adam muzeýe baryp gördi.

Geçen hepde muzeýiň direktory Lorans de Kar muzeý binalarynyň könelişen ýagdaýy bilen baglanyşykly Fransiýanyň Medeniýet ministrligine ýüz tutdy. Onuň sözlerine görä, käbir otaglarda suwuň aralaşmak we temperaturanyň üýtgemek howpy bar. Ol Luwruň düýpli abatlaýyş işlerine mätäçdigini aýtdy. Şol bir wagtyň özünde, Lorans de Kar abatlaýyş işleriniň gymmat we tehniki taýdan çylşyrymly boljakdygyny duýdurdy.



## GDA-nyň başlyklygyny kabul etdi

Minskde GDA agza ýurtlaryň hemişelik doly ygtyýarly wekilleriniň geňeşiniň maslahaty geçirildi. Duşuşygyň netijesinde Täjigistan 2025-nji ýylda Arkalaşygyň başlyklygyny kabul etdi. Bu barada Täjigistanyň Daşary işler ministrligi mälim etdi.

Duşuşyk Täjigistanyň GDA-daky hemişelik we doly ygtyýarly wekili Bahtowar Safarzodanyň ýolbaşçylygynda geçirildi. Bu çärä GDA-nyň Baş sekretary, Ýerine ýetiriji komitetiň agzalary, gatnaşyjy ýurtlaryň ilçileri we daşary syýasat edaralarynyň wekilleri gatnaşdy. Täjigistanyň Daşary işler ministrliginiň GDA boýunça bölüminiň başlygy Ahmad Saidmurodzoda 2025-nji ýylda Respublikanyň başlyklygynyň çäginde 113 sany çäräniň geçiriljekdigini habar berdi. Ol Russiýanyň başlyklygy döwründe toplan tejribesiniň ähmiýetini belläp, Duşenbäniň Moskwa tarapyndan hödürlenen maglumatlary göz öňünde tutjakdygyny aýtdy.

Saidmurodzoda GDA-da migrasiýa we zähmeti düzgünleşdirmek baradaky çekişmeleriň jikme-jikliklerini hem paýlaşdy. Onuň sözlerine görä, birnäçe meselede düşünişmezlikleriň bardygyna garamazdan, täjik tarapy ylalaşylan çözgütleri işläp düzmek üçin gepleşikleri işjeňleşdirmekçi.

Beýanata görä, Arkalaşygyň kanuny guramalarynyň ýakyn döwürde Täjigistanda geçiriljek mejlisleriniň mazmuny bilen baglanyşykly düýpli pikir alyşmalar geçirildi. Olaryň esasy bölegi GDA döwletleriniň baştutanlar geňeşiniň şu ýylyň 10-njy oktýabrynda Duşenbe şäherinde geçiriljek maslahaty bolar.



## MAÝA GOÝUMLARYNY WE SÖWDANY ÖSDÜRER

Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saud ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampa Saud Arabystanynyň dört ýylda ABŞ bilen maýa goýumlaryny we söwdasyny azyndan 600 milliard dollar artdyrmak isleýändigini aýtdy. Bu barada Saud Arabystanynyň metbugat agentligi (SPA) habar berdi.

Habarlar gullugynyň maglumatlaryna görä, syýasatçylaryň arasynda geçirilen telefon arkaly söhbetdeşlikde Mirasdüşer Şazada geljek dört ýylda ABŞ bilen maýa goýumlaryny we söwdany 600 milliard dollara çenli artdyrmak niýetiniň bardygyny tassyklady.

Ak Tamyň metbugat gullugy tarapyndan berlen beýanata görä, Tramp Saud Arabystanynyň Şazadasy bilen telefon arkaly gepleşik geçirdi. Ak Tamda bellemeklerine görä, bu Trampyň 20-nji ýanwarda Ak Tama gaýdyp gelenden soň daşary ýurt lideri bilen ilkinji telefon arkaly gürrüňdeşligi boldy. Taraplar söhbetdeşligiň dowamynda Ýakyn Gündogarda parahatçylygy ornaşdyrmak we terrorçylyga garşy göreş barada pikir alyşdylar. Şeýle hem Mirasdüşer Şazada Er-Riýadyň geljek dört ýyldaky «ykdysady maksatnamalary», söwda meseleleri we «gülläp ösmek üçin mümkinçilikleri» barada durup geçdi.



## GIŇ GERIMLI TASLAMA TAMAMLANDY

Hytaý çölleşmä garşy göreşde möhüm tapgyra öwrülen «Takla-Makan çölüniň ýaşyl guşagy» taslamasyny tamamlady. Taslamany amala aşyrmak üçin 46 ýyl gerek boldy we taslamanyň özi, daşky gurşawyň ýagdaýyny gowulandyrmaga we ýurtdaky çägeli tupanlaryň täsirini azaltmaga gönükdirilen üç sany «Demirgazyk tokaý gorag guşagy» maksatnamasynyň bir bölegidir.

Hytaýyň demirgazyk-günbatar böleginde, Sinszýan sebitinde Takla-Makan çölüni gurşap alýan, takmynan, 3 müň kilometre uzalyp gidýän ekologiýa zolagy döredildi. Agyr şertlere uýgunlaşýan guraklyga çydamly ösümlikleri ulanmak arkaly ösümlik örtügini köpeltmek, nahal oturtmagy ýerli ykdysadyýet bilen birleşdirmek, şol sanda miweli agaçlary we dermanlyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek, şeýle hem tokaý meýdanyny köpeltmek bu başlangyjyň esasy maksatlarydyr. Tokaý meýdanlarynyň giňeldilmegi 1949-njy ýylda 10 göterim bolan bolsa, ösüş 2023-nji ýylyň ahyryna çenli 25 göterimden gowrak bolupdyr. Ösüşe garamazdan, çölleşme çynlakaý mesele bolup galýar: çöller henizem Hytaýyň çäginiň 17,58 göterimini eýeleýär. Gurak şertlerde ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek üçin zerur suwuň ýetmezçiligi esasy mesele bolup galýar.



Mundan başga-da, giň gerimli tokaý döretmek taslamalary ekoulgama dürlüçe täsir edip biler. Ýerli däl ösümlik görnüşleriniň ornaşmagy ýa-da suw akymlarynyň üýtgemegi biodürlülige we topragyň gurplanmagyna täsir edip biler diýen aladalar bar. Şeýle başlangyçlaryň netijeliligi uzak möhletli has köp barlaglary we gözegçiligi talap edýär. Alymlar «Ýaşyl guşagyň» çägeli tupanlardan näderejede goraýandygyny we çölleşmäniň öňüni alýandygyny, şeýle hem sebitiň ekologiýasy üçin uzak möhletli netijeleriniň nähili boljakdygyny seljermegi dowam etdirýärler.

## Uly mukdarda maýa goýlar

ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp wezipesine girişenden soň emeli aň ulgamynda iň täze infrastruktura taslamasy bolan «Stargate»-e 500 milliard dollar maýa goýuljakdygyny mälim etdi. Täze taslama «OpenAI», «Softbank» we «Oracle» ýaly öňdebaryjy kompaniýalar gatnaşarlar. Olar AI-iň indiki neslini kuwwatlandyrmak üçin fiziki we wirtual infrastrukturany, şol sanda ýurt boýunça maglumat merkezlerini döréderler. Şeýle-de «Stargate» ABŞ-da 100 müňden gowrak iş ornunyň döredilmegine mümkinçilik berer.

Kompaniýalar ýakyn dört ýylda bu taslama 500 milliard dollara çenli maýa goýmagy meýilleşdirip, häzirlikçe 100 milliard dollar maýa goýar. Üç tehnologiýa kompaniýasynyň ýolbaşçylary karary yglan etmek üçin Ak Tamda guralan Trampyň maslahatyna gatnaşdylar.

Tramp «Stargate» taslamasyny «taryhyň iň uly emeli aň infrastruktura taslamasy» diýip baha berip, ABŞ-nyň täze tehnologiýalar ugrunda bäsdeşlige duçar bolýandygyny nygtady. ABŞ-nyň täze Prezidentiniň aýdyşyna görä, köpleri iş bilen üpjün etjek maglumat işleýiş merkezleriniň we kampuslaryň gurluşygyna eýýäm başlandy. Şeýle-de Donald Tramp Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda maglumat işleýiş merkezleriniň gurluşygyna Emirlikleriň işläp düzüjileriniň 20 milliard dollar maýa goýjakdygyny mälim etdi.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1990-njy ýylyň 31-nji ýanwarynda Moskwada ilkinji «McDonald's» tiz tagam restorany açylýar. Puşkinskaýa meýdançasynda ýerleşýän restoran ilkinji iş gününde 30 müňden gowrak müşderä hyzmat edip, «McDonald's»-yň taryhynda dünýä rekordyny goýýar.**




## AZIÝA GLOBAL MERKEZE ÖWRÜLÝÄR

**Aziýa ylmy-barlag we innowasiýalar üçin global merkeze öwrülýär. Bu ýagdaý sebitde ylmy-tehniki innowasiýa toparlarynyň sanynyň we hiliniň ep-esli ýokarlanmagy bilen şertlenýär. 2024-nji ýylyň innowasiýalary baradaky hasabat Baos Aziýa forumy akademiýasy hem-de «Deloitte China» kompaniýasy tarapyndan bilelikde taýýarlandy.**

**Resminama laýyklykda, 2023-nji ýylda iň uly 100 ylym we tehnologiýa toparlary, esasan, Gündogar Aziýada, Günbatar Ýewropada we Demirgazyk Amerikada jemlenipdir. Şolaryň arasynda Ýaponiýadaky Tokio-Ýokogama topary dünýädäki iň uly we iň täsirli ylym we tehnologiýa merkezi hökmünde öňe saýlanypdyr.**

**Soňky wagtlar Guandun-Sýangan-Aomen diýlip atlandyrylýan Uly aýlak topary, esasy tehnologiýalarda gazanan üstünlikleri üçin halkara derejesinde ykrar edildi. Gündogar Aziýa patent arzalary boýunça dünýäde öňdeligi eýeläp, onuň paýyna bütin dünýäde berlen patent arzalarynyň umumy sanynyň 62,6 göterimi düşýär. Hytaý patent arzalary we berlen patentleriň mukdary boýunça dünýäde birinji orunda durýar. 2023-nji ýylda 1,677 million arza berlip, 920 müň 800 sany patent berlipdir. Hytaý, Ýaponiýa, Koreýa Respublikasy emeli aň we aragatnaşyk tehnologiýasyna berlen patentleriniň sany boýunça öňdäki orny eýeleýär.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# HARBIN – DÖREDIJILIGIŇ ŞÄHERI

Hytaýyň demirgazyk-gündogaryndaky Heýlunszýan welaýatynyň merkezi şäheri Harbin dünýäniň iň sowuk şäherleriniň biri hasaplanýar. Sungari derýasynyň kenarynda ýerleşýän bu şäherde howa salkyn bolup, gyş pasly 4-5 aýlap dowam edýär. Şäher öz gözbaşyny XIX-XX asyrlardan alyp gaýdýar. Ilkibaşda balykçylaryň kiçijik obasy bolan Harbin ruslaryň Hytaýyň demirgazyk-gündogaryndan demir ýol geçirmegi bilen şähere öwrülýär. Harbin sözi «akja», «balyk torlaryny guratmak üçin ýer» diýen manylardan gelip çykýar. 6 million töweregi ilaty bolan bu şäheriň adynyň birnäçe manysy bar. Şäheriň ýaşaýjylarynyň esasy bölegi hytaýlylar bolup, mançu, hui, mongol we rus milletleriniň wekillerine hem duş gelmek bolýar. Tutýan meýdany 53 müň inedördül kilometrden gowrak bolan Harbin şäheri häzirki wagtda gury ýer, suw we howa gatnawlarynyň sebit merkezi hasaplanýar.





Harbiniň gaýtadan işlenýän senagatynda däneli önümler, soýa, gant şugundyry we bugdaý esasy orny eýeleýär. Şeýle hem deri önümleri we sabyn öndürýän birnäçe zawodlar bar. 1950-nji ýyllardan soň şäherde maşyngurluşyk, metallurgiýa we magdan senagaty, oba hojalyk enjamlaryny öndürýän zawodlar hem ösüp başlaýar. Harbinde nebit ýataklary hem bar. Golaýda Harbinde ýokary tehnologiýaly ösüş zolagy döredildi. Şäherde her ýyl geçirilýän söwda ýarmarkasy Ýewropa ýurtlary bilen Hytaýyň arasyndaky söwda gatnaşyklaryny ösdürýär.

Harbiniň ýerli medeniýeti mançu we rus medeniýeti bilen utgaşyp, han medeniýetine esaslanýar. Medeniýetleriň bu utgaşmasy ýerli binagärlik äheňine, aşpezçilik sungatyna, aýdym-saz medeniýetine we däp-dessurlara täsir edýär. Harbin dünýäde aýdym-saz şäheri hökmünde tanalýar. 1908-nji ýylda döredilen Harbin simfoniki orkestri Hytaýyň iň gadymy aýdym-saz orkestri hasaplanýar. Harbin 2010-njy ýylda ÝUNESKO tarapyndan «Aýdym-saz şäheri» diýlip ykrar edilýär. 1961-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän Harbin tomusky aýdym-saz aýy (konsert) hem iň gyzykly çäreleriň biridir. Buz şäheri aşpezçilik sungaty bilen hem meşhurdyr. Harbin şäher gastronomiýasynda kakadylan gyzyl şöhlaty bilen tanalýar. Harbin aşhanasynda Ýewropa we Demirgazyk Hytaý naharlary esasy orny eýeleýär. Ýeralma we etden gowrulyp taýýarlanýan «Guo Bao Rou» bilen balykdan buglanyp bişirilýän «Demoli» Harbiniň nusgalyk tagamlary hasaplanýar. Mundan başga-da, Harbin aşhanasynda balykdan, towukdan, kömelekden we deňiz önümlerinden taýýarlanýan tagamlara esasy orun berilýär. Harbiniň çörek bişirilýän kärhanalarynda rus dilindäki «hleb» sözünden alnan «daleba» - ullakan tegelek çörek bişirilýär. Şäherde Ýewropa, rus we ýerli stilde hyzmatlar hödürlenýän restoranlar bar.

**Buz we gar festiwaly**

Aşa sowuk howasy bilen tanalýan Harbin gyş paslynda «Buz şäheri» diýlip tanalýar. Şäherde uzak wagtlap dowam edýän gyş paslynda howanyň ortaça derejesi -17 dereje bolup, käte 45 derejä çenli sowaýar. Tomsuna howanyň derejesi ortaça 23 dereje ýyly saklanýar. Ýewropa ýurtlarynyň taryhy binalaryna meňzeş desgalary bolan bu şäherde syýahatçylyk we medeni gatnaşyklar esasy orun eýeleýär. Bu şäherde 1985-nji ýyldan bäri Harbin halkara buz we gar heýkeltaraşlygy festiwaly geçirilýär. Harbine tomsuna şypahanalarda dynç almak üçin we gyşyna buz heýkellerini synlamak üçin müňlerçe syýahatçy barýar. Bu şäherde syýahatçylary haýran galdyrýan uzynlygy 500 metre ýetýän dünýäniň iň uly ýapyk lyža seýilgähi hem bar. Harbin 2004-nji ýylda Hytaýyň milli syýahatçylyk dolandyryş edarasy tarapyndan «Hytaýyň iň ýokary syýahatçylyk şäheri» diýlip saýlandy. Harbin dünýäniň iň gowy 50 şäheriniň biridir.

## «Bluetooth» nädip ýüze çykdy?

Kompýuterlerden «akylly» sagatlara çenli durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrülen «Bluetooth» simsiz tehnologiýalaryň biridir. Her gün diýen ýaly ulanylýan bu tehnologiýa iki ulgamy geçiriji ulanmazdan birikdirmäge we maglumatlary geçirmäge mümkinçilik berýär. Telefon bilen gulaklygyň arasynda göze görünmeýän köpri bolan «Bluetooth» häzirki wagtda «akylly» enjamlaryň aýrylmaz bölegine öwrüldi.

**GYSGAÇA TARYHY**

Simsiz arabaglanyşykda öňe gitmäge mümkinçilik beren bu tehnologiýany ilkinji gezek 1994-nji ýylda «Ericsson» aragatnaşyk kompaniýasynyň niderland elektrik inženeri Jaap Haartsen oýlap tapýar. Ilkibaşda ýönekeý öýjükli telefonlary gysga aralykda biri-birine baglamak üçin işlenip düzülen bu tehnologiýanyň ady Daniýa şasynyň alyp baran düzgüninden gelip çykýar. Öz döwründe patyşa Harald dürli toparlary agzybirlikde birleşdirmek ukyby bilen tanalypdyr. «Bluetooth» tehnologiýasy hem dürli enjamlary birleşdirmek hyzmatyna eýe.

1998-nji ýylda «Bluetooth» ýörite gyzyklanma toparynyň (SIG) döredilmegi bilen bu tehnologiýanyň ösüşi çaltlaşýar. SIG «Intel», «Nokia», IBM we «Toshiba» ýaly iri kompaniýalary öz içine alýan we «Bluetooth» tehnologiýasynyň ulanylyş düzgünlerini kesgitleýän guramadyr.

**NÄDIP IŞLEÝÄR?**

«Bluetooth» radio tolkunlary arkaly işleýär. Az energiýa sarp etmek we gysga aralykda aragatnaşygy üpjün etmek üçin amatly bolan bu tehnologiýa 2,4 GGs ýygylyk zolagynda maglumatlary geçirýär. «Bluetooth»-yň işleýşi «tapyşmak» prosesine esaslanýar. Iki enjam biri-birini tapandan soň özbaşdak ýagdaýda birigýär. «Bluetooth» baglanyşygy 10 metr bilen çäklenýär, emma häzirki zaman görnüşlerinde 100 metre çenli aralykdan baglanýan nusgalary bar. Maglumat geçiriş tizligi (2 – 5.0 Mbit/s çenli) hem «Bluetooth»-yň nusgasyna görä üýtgeýär. «Bluetooth»-tehnologik enjamlaryň arasynda howpsuz aragatnaşygy üpjün edýär.

**NIREDE ULANYLÝAR?**

Häzirki wagtda kompýuterdir telefondan başlap, simsiz gulaklyklara we mikrofonlara çenli «Bluetooth» baglanyşygy bar. Soňky ýyllarda «akylly» öý ulgamynda hem bu tehnologiýa uly üns berilýär. Öýüň çyralaryndan başlap termostatlara çenli köp enjamy «Bluetooth» arkaly dolandyryp bolýar. «Akylly» sagatlarda, fitnes bilekliklerinde we lukmançylyk enjamlarynda hem bu tehnologiýa giňden ulanylýar. Her ýyl täze nusgalaryny we ösen amatlyklary hödürleýän «Bluetooth» tehnologik enjamlary ulanmakda köp babatda ýeňillik döredýär.

## Telefonyň adam aňyna täsiri

**Soňky ýyllarda öýjükli telefonlar adamzat durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Aragatnaşyk, täzelikler bilen tanyşmak we güýmenje üçin ulanylýan bu enjamlar amatly şert döredýändigine garamazdan, zyýanly täsirini hem ýetirýär. Alymlar tarapyndan smartfonyň adam beýnisine ýetirýän täsiri barada uzak ýyllaryň dowamynda barlaglar geçirildi. Barlaglaryň netijesinde uzak wagtlap telefon ulanmagyň beýnä oňaýsyz täsir edýändigi ýüze çykaryldy. Telefon ulanylyşynyň köpelmegi, esasan hem, smartfonlaryň yzygiderli kämilleşdirilmegi saglyk üçin zyýanly hasaplanýar. Eýsem, telefony uzak wagtlap ulanmak adam psihologiýasyna nähili täsir edýär?**

- Telefondan yzarlanýan täzelikler we bildirişler beýnini artykmaç höweslendirýär. Bu bolsa beýnide telefona bolan ymtylyşy döredýär. Elektron poçta habarlary, internet täzelikleri we sosial mediadaky mahabatlar adamlarda «habarsyz galmak gorkusyny» döretmegi mümkin. Şol sebäpli köp adam her gün ýa-da her sagat telefonyndaky platformalary yzarlap durýar. Bu ýagdaý adamlaryň işine we çagalaryň okuwyna ýaramaz täsir edýär.
- Sosial media adamlaryň öz durmuşyny ýa-da ýagdaýyny beýlekiler bilen yzygiderli deňeşdirmegine sebäp bolýar. Bu bolsa adamlarda özüne bolan ynamy gowşadyp, durmuşa bolan garaýşyny üýtgedýär. Esasanam, ýetginjeklerde bu deňeşdirmeleriň netijesinde göwnüçökgünlik alamatlary ýüze çykyp, ýalňyş pikirler döreýär.
- Telefonyň ekranyndan bölünip çykýan mawy yşyk melatonin gormonynyň bölünip çykmagynyň öňüni alyp, uky bozulmalaryna sebäp bolýar. Ukynyň peselmegi ýa-da ukusyzlyk alamatlary nerw ulgamyna täsir edip, adamlaryň özüni alyp barşynda gaharjaňlyk we aladaçyllyk ýaly ýagdaýlary ýüze çykarýar. Mundan başga-da, uzak wagtlap telefona güýmenýän adamlaryň beýnisinde ýadawlyk döreýär.
- Smartfonlar her gün diýen ýaly täzelenýän platformalary we owadan dizaýnlary bilen ünsi özüne çekýär. Telefona güýmenýän adam wagtyň nädip geçenini hem bilmän galýar. Bu ýagdaý adamyň duýgularyna täsir edip, özüni günäkärlemegine sebäp bolýar.

**TELEFONYŇ TÄSIRINI AZALTMAGYŇ USULLARY:**

- Alada we dartgynly ýagdaý döredýändigi sebäpli, hepdäniň belli günlerinde ýa-da günüň belli bir wagtynda telefon ulanmagy çäklendirmeli.
- Telefona bildiriş hökmünde gelýän gereksiz habarnamalary öçürip, ünsi sowmagyna ýol bermeli däl. Diňe möhüm programmalardaky habarnamalary açyp goýmaly.
- Uklamazdan bir sagat çemesi öň telefon ulanmagy bes etmeli. Kadaly uklamak üçin oňarsaň, telefony ýatylýan otagda goýmaly däl.
- Media täzeliklerine berýän wagtyňy kesgitlemäge çalyşmaly we bellän wagtyňdan geçmeli däl. Bu adamyň telefona bolan garaşlylygyny azaldýar.
- Telefona sarp edilýän wagty fiziki işjeňlik we jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen çalyşmaly. Telefona güýmenmezden, gün tertibine eýermeli. Sport, maşk etmek bilen meşgullanyp, ýakynlaryň we dostlaryň bilen oturmaga wagt aýyrmaly.

# ÇAGALAR

**Uzynlygy 4 metrden 18 metre çenli ýetýän kit akulasy dünýädäki iň uly balyk hasaplanýar.**

# BALYKLARYŇ TÄSIN GÖRNÜŞLERI

**Dünýädäki ummanlardyr köllerde we derýalardyr akar suwlarda balygyň 33 müňden gowrak görnüşi ýaşaýar. Balyklaryň käbiri ýaşaýan şerti, daş görnüşi bilen tapawutlanýan bolsa, käsi ululygy, iýmitleniş aýratynlygy bilen görenleri haýran edýär. Suwda ýüzmäge ökde bu jandarlar adatça ýyrtyjy we ot iýýän görnüşlere bölünýär. Daşy teňňeli bu jandarlaryň arasynda gylyç balyk, miweçil balyk, älemgoşar balyk, şöhle saçýan balyk, «uçýan balyk», «aýna balyk» ýaly täsin görnüşleri hem bar. Dünýädäki balyklaryň käbiriniň uzynlygy 18 metre ýetýän bolsa, 8 millimetr ölçegdäki kiçijik balyklar hem bar. Gazetimiziň şu sanynda körpe okyjylary balyklaryň täsin görnüşleri bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**

### ● IŇ ULY BALYK



Kit akulasy (Whale shark) balyklaryň arasynda iň ulusy hasaplanýar. Uzynlygy 4 metrden 18 metre çenli ýetýän bu balyklar Awstraliýadaky tropik suwlarda ýaşaýarlar. Bedeniniň üsti ak menek-menek nagyşly bu gök balyklar ownuk deňiz jandarlary bilen iýmitlenýärler. Haýal hereket edýän äpet balygyň agzy örän uly bolup, iýýän iýmitini süzgüçden geçirýär. Diňe plankton we ownuk balyklar bilen iýmitlenýän kit akulasy adamlara howp salmaýar. Kit akulasyndan başga-da, akbalyk, Mekong lakgasy, alligator balygy, arapaýma balygyň iň uly görnüşleri hasaplanýar.

### ● ZÄHERLI «PÖKGÜJE BALYK»



«Pökgüje balyk» ady bilen tanalýan «pufferfish» beden gurluşy we zäherliligi bilen suw jandarlaryndan tapawutlanýar. Bu balyga başgaça «iňňegarynly» balyk hem diýilýär. Bu balyklar köplenç adaty balyga meňzeş bolup, diňe üstüne howp abanandygyny duýan halatynda duşmanyny gorkuzmak üçin çişýär. Adatdaky ululykdan birnäçe esse çişmek üçin köp mukdarda suw bilen howany kabul edýär. Şeýlelikde, bularyň daşky görnüşi çişirilen topa meňzeýär. Bu balyklaryň köpüsinde tetrodotoksin (TTX) bar. TTX nerw öýjükleri we myşsalary dykyjy madda bolup, balyklaryň içege mikroflorasy tarapyndan öndürilýär. Pökgüje balygyň bedenindäki bu madda zäherli bolup, daştöweregindäki janly-jandarlara howp salyp bilýär. Ummanlarda «iňňegarynly» balygyň 120-den gowrak görnüşi ýaşaýar. Bu balyklaryň uly gözleri bolup, gabaklary daşyna sallanyp durýar. Alty ýüzgüçli «pufferfish»-leriň köpüsiniň derisinde zäherlidigini alamatlandyrýan garamtyl menekleri hem bolýar. Ululygy 2,5 santimetrden 90 santimetre çenli aralykda üýtgeýän ýyrtyjy balygyň bu görnüşiniň 4 dişi we ýiti burny bolýar. Pökgüje balyklaryň esasy iýmiti oňurgasyz jandarlar we suwoty bolup, uluraklary leňňeçdir midiýalar, balykgulakdyr ownuk balyklar bilen hem iýmitlenýär.

### ● «ÝÖREÝÄN BALYK »



Adatça suw bolmasa balyk ýaşap bilmeýär. Balyklar gury ýerde ýaşaýan jandarlardan tapawutlylykda, žabralar arkaly dem alýarlar. Balygyň «Oxudercinae» görnüşi iýmit gözlemek üçin suwdan çykýar. «Ýöreýän balyk» ady bilen tanalýan bu jandarlar hažžyga meňzäp batganyň üstünde süýrenip ýöreýärler. Suwdan çykan wagty beýleki jandarlar ýaly howadan dem alýarlar. Bu balyklar Ýaponiýa, Hindistan ýaly ýurtlarda duş gelýär. Balygyň gury ýere çykmagynyň sebäbi deňiz kenarynda suw joşmasy we gaýtgyn sebäpli iýmitiň köp bolmagy bilen baglydyr. Bu täsin balyklaryň žabralary suwdan çykan wagty ýapylýar we açyk howada guramaýar. Dem almak üçin derisindäki deşijekler ýardam edýär.

### ● IÇI GÖRÜNÝÄN «AÝNA BALYK»



«Aýna balyk» ady bilen tanalýan «kryptopterus vitreolus» içi görünýän beden gurluşy bilen beýlekilerden tapawutlanýar. Tailandyň endemik suw jandary hasaplanýan «aýna balyklar», esasan, Tailand aýlagynda we Kardom daglaryndaky derýa basseýnlerinde duş gelýär. Süýji suwda ýaşaýan bu balyklaryň 7-8 ýyl ömri bolup, inçe hem uzyn bedeni 12-15 santimetr töweregi bolýar. Agramynyň aşa ýeňil bolandygy sebäpli bu balygyň kellesinde deňagramlylygy sazlaýan barbell bar. «Aýna balyklaryň» içki beden agzalary kellesinde ýerleşip, içi görnüp duran bedenini oňurga süňki we gylçyklary emele getirýär. Daşyndan seredeniňde balygyň aňyrsynyň görünmeginiň esasy sebäbi bedeninde pigmentleriň ýoklugydyr. Ýagny bu balygyň bedeninde reňkleri emele getirýän öýjükler ýok. Şol sebäpli ol ak görünýär. Erkinligi söýýän «aýna balyklar» ýüzgüçsiz (torç) bolup, olara hereket etmäge guýrugy ýardam edýär. Pes akymly süýji suwda topar bolup ýaşaýan bu balyklar şadyýan we utanjaň häsiýete eýedir. Esasy iýmiti çybyn, liçinka, kiçijik gurçuklar bolan «aýna balygy» akwariumlaryň iň meşhur balyklarynyň biridir.

### ● «ALTYN BALYK»



«Altyn balyk» akwariumda saklanýan ownuk we owadan reňkli balyklaryň bir görnüşidir. Ylmy ady «carassius auratus» bolan bu balyklaryň açyk mämişi, gyzyl we ak reňkli görnüşleri bar. Bedeni tegelek we kelleleri süýnmekden uly bolýar. Käbirinde uzyn ýüzgüçleri bolan «altyn balyklar» ýyly suwda, asuda şertde ýaşamagy halaýarlar. Akwariumda saklamak üçin amatly bolan bu balyklar ys alyp bilmeýärler. Ýelek ýaly owadan guýrukly bu balyklar çalt öwrenişýär we howa üýtgemesine çydamly hasaplanýar. Asly Hytaýdan gelip çykýan «altyn balygyň» uzynlygy 15-20 santimetre, agramy 100 gramdan 3 kilograma çenli bolýar. Aşgazany bolmadyk bu balyk dünýäniň köp ýurdunda iýmit üçin däl-de, bezeg maksady bilen köpeldilýär. Ýöne muňa garamazdan, käbir ýurtda bu balykdan dürli tagamlar hem taýýarlanýar. Ýatkeşligi güýçli bu balyklar 15 ýyla çenli ýaşaýarlar.

**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**7 tapawudy tapyň!**



**Gyzykly pursat**





# KEŞÝU – mañyzly miwe

**Tropik howa şertlerinde ösýän Günbatar anakardium (anakardium oksidentale) agajynyň miwesine keşýu diýilýär. Ata Watany Braziliýa hasaplanýan bu miwe armyt görnüşli içi suwly bölekden, ortasyndaky etli bölekden we aşagynda sallanyp duran egrije mañyzdan ybarat. Boýy 12 metre çenli ýetýän Günbatar anakardium agajy Braziliýada, Hindistanda, Afrikada we Günorta-Gündogar Aziýada ösýär. Günbatar anakardiumyň miwesi açyk gyzyl ýa-da sary reňkde bolýar. Miwäniň daşky bölegi örän ýumşak we etli bolup, hoşboý tagamy bar. Keşýunyň armyt görnüşli böleginden şire, jem we marmelad taýýarlanýar.**

**Keşýunyň iň ýokumly we tagamly bölegi ilgençek görnüşli mañzy hasaplanýar. Miwäniň mañzyna başgaça, «keşýu mañzy» hem diýilýär. Keşýu mañzy guradylandan we gowrulandan soň iýmäge ýaramly bolýar. Egrije mañzy göni iýmek zyýanly hasaplanýar. Sebäbi onda zäherli maddalar we derini gyjyndyrýan kislota bolup biler. Bu maddalar gowrulyp gaýtadan işlenende mañzyň düzüminden aýrylýar.**

**Keşýu saglyk üçin peýdaly miweleriň biri hasaplanýar. Onda immuniteti berkidýän we zyýanly täsirlere garşy göreşýän C witamini bar. Bu miwe antioksidantlara, minerallara we iýmit süýümine baýdyr. Keşýu iýmit siňdiriş ulgamy üçin örän peýdalydyr. Keşýu ýolnandan soň armyt görnüşli ýumşak bölegini derrew iýmeli. Sebäbi miwe çalt zaýalanýar. Mañzyny bolsa, toplap kölegede guratmaly we soňra duz bilen gowurmaly. Keşýu önümçiliginde Braziliýa, Hindistan, Wýetnam we Burkina-Faso ýaly ýurtlar öňdeligi eýeleýär. Dünýäde her ýyl 4 million tonna töweregi keşýu mañzy öndürilýär.**



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.




# 97-nji Oskar baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi

**Kino sungatynyň iň uly baýragy hasaplanýan Oskaryň dalaşgärleri mälim edildi. 97-nji Oskar baýraklaryna iň köp dalaşgär görkezilen ekran eseri «Emiliýa Peres» filmi boldy. Fransiýaly režissýor Žak Odiaryň ispan dilindäki filmi 13 ugurdan dalaşgär görkezildi. Şeýlelikde, bu kino iňlis dilinde bolman iň köp dalaşgärlik gazanan ekran eseri hökmünde rekord goýdy. Mundan öň rekord «Bukulýan gaplaň, gizlenýän aždarha» hem-de «Roma» filmlerine degişli bolup, olar 10 ugurdan dalaşgär görkezilipdi.**

**«Brutalist» hem-de «Hyrsyz» filmleri 10, «Bütinleý näbelli» hem-de «Konklaw» kinolary-da 8 ugurdan dalaşgärlige hödürlendi. Ýylyň şowly çykan kinolaryndan «Anora» filmi-de 6 ugur boýunça Oskara dalaşgär boldy.**

**97-nji Oskar baýraklarynyň ýeňijileri 2-nji martda Los Anjelesdäki «Dolby» teatrynda Konan O'Braýanyň alyp barjak dabarasynda belli bolar.**

## IŇ GOWY FILM
○ «**Anora**» (Anora); ○ «**Brutalist**» (The Brutalist); ○ «**Bütinleý näbelli**» (A Complete Unknown); ○ «**Konklaw**» (Conclave); ○ «**Dýuna: ikinji bölüm**» (Dune: Part Two); ○ «**Emiliýa Peres**» (Emilia Perez); ○ «**Men henizem bu ýerde**» (Ainda Estou Aqui); ○ «**Hyrsyz**» (Wicked); ○ «**Substansiýa**» (The Substance); ○ «**Nikelli oglanlar**» (Nickel Boys).

## IŇ GOWY REŽISSÝOR
○ **Şon Beýker – «Anora»** (Anora); ○ **Bredi Korbet – «Brutalist»** (The Brutalist); ○ **Jeýms Mangold – «Bütinleý näbelli»** (A Complete Unknown); ○ **Žak Odiar – «Emiliýa Peres»** (Emilia Perez); ○ **Korali Faržo – «Substansiýa»** (The Substance).

## IŇ GOWY AKTÝOR
○ **Adrien Broudi – «Brutalist»** (The Brutalist); ○ **Timoti Şalame – «Bütinleý näbelli»** (A Complete Unknown); ○ **Kolman Domingo – «Sing-Sing»** (Sing Sing); ○ **Raýf Faýns – «Konklaw»** (Conclave); ○ **Sebastian Stan – «Şägirt»** (The Apprentice).

## IŇ GOWY AKTRISA
○ **Sintia Eriwo – «Hyrsyz»** (Wicked); ○ **Karla Sofiýa Gaskon – «Emiliýa Peres»** (Emilia Perez); ○ **Maýki Medison – «Anora»** (Anora); ○ **Demi Mur – «Substansiýa»** (The Substance); ○ **Fernanda Torres – «Men henizem bu ýerde»** (Ainda Estou Aqui).

## IKINJI PLANDAKY IŇ GOWY AKTÝOR
○ **Ýura Borisow – «Anora»** (Anora); ○ **Kiran Kalkin – «Hakyky jepa»** (A Real Pain); ○ **Edward Norton – «Bütinleý näbelli»** (A Complete Unknown); ○ **Gaý Piers – «Brutalist»** (The Brutalist); ○ **Jeremi Strong – «Şägirt»** (The Apprentice).

## IKINJI PLANDAKY IŇ GOWY AKTRISA
○ **Monika Barbaro – «Bütinleý näbelli»** (A Complete Unknown); ○ **Ariana Grande – «Hyrsyz»** (Wicked); ○ **Felisiti Jons – «Brutalist»** (The Brutalist); ○ **Izabella Rossellini – «Konklaw»** (Conclave); ○ **Zou Saldanýa – «Emiliýa Peres»** (Emilia Perez).

## IŇ GOWY ASYL SSENARIÝ
○ «**Anora**» **(Anora)** – Şon Beýker; ○ «**Brutalist**» (The Brutalist) – Bredi Korbet, Mona Fatswold; ○ «**Hakyky jepa**» (A Real Pain) – Jesse Aýzenberg; ○ «**5-nji sentýabr**» (September 5) – Morits Baýnder, Tim Belbaum; ○ «**Substansiýa**» (The Substance) – Korali Faržo.

## IŇ GOWY ADAPTIRLENEN SSENARIÝ
○ «**Bütinleý näbelli**» (A Complete Unknown) – Jeýms Mangold, Jeýk Koks; ○ «**Konklaw**» (Conclave) – Piter Strahan; ○ «**Emiliýa Peres**» (Emilia Perez) – Žak Odiar; ○ «**Nikelli oglanlar**» (Nickel Boys) – RaMell Ross, Joslin Barns; ○ «**Sing-Sing**» (Sing Sing) – Greg Kwedar, Klint Bentli.

## IŇ GOWY ANIMASIÝA
○ «**Akym**» (Straume) – Gints Zilbalodis; ○ «**Garjaşyk 2**» (Inside Out 2) – Kelsi Mann, Mark Nilsen; ○ «**Ulitkanyň ýatlamalary**» (Memoir of a Snail) – Adam Elliot, Liz Kirni; ○ «**Wollas we Gromit: ar alyjylaryň ketegi**» (Wallace & Gromit: Vengeance Most Fowl) – Nik Park, Merlin Krossingam; ○ «**Ýabany robot**» (The Wild Robot) – Kris Sanders, Jeff Hermann.

## IŇ GOWY HALKARA FILM
○ «**Emiliýa Peres**» (Emilia Perez) – ispança – Žak Odiar – Fransiýa; ○ «**Akym**» (Straume) – Gints Zilbalodis – Latwiýa; ○ «**Iňňeli gyz**» (Pigen med nalen) – daniýaça – Magnus Won Horm – Daniýa; ○ «**Men henizem bu ýerde**» (Ainda Estou Aqui) – portugalça – Wolter Salles – Braziliýa; ○ «**Mukaddes injiriň tohumy**» (Dane-ye anjir-e ma'abed) – parsça – Mohammad Rasulof – Germaniýa.

## IŇ GOWY DOKUMENTAL FILM
○ «**Gara guty gündelikleri**» (Black Box Diaries) – Şiori Ito, Erik Nýari, Hanna Akwilin; ○ «**Başga ýer ýok**» (No Other Land) – Bazel Adra, Raçel Sor, Hamdan Ballal, Ýuwal Abraham; ○ «**Farfor urşy**» (Porcelain War) – Brendan Bellomo, Slawa Leontýew, Aniela Sidorska, Paula DuPre Pesmen; ○ «**Öwrülişik üçin saundtrek**» (Soundtrack to a Coup d'Etat) – Ýohan Grimonpres, Daan Milius, Remi Grelleti; ○ «**Şekerçiňrik**» (Sugarcane) – Ýulian Breýw NoizKet, Emili Kassi.

## IŇ GOWY AÝDYM
○ «**El Mal**» – «**Emiliýa Peres**» (Emilia Perez) – Kleman Dukol, Kamiý; ○ «**The Journey**» – «**6888-nji batalýon**» (The Six Triple Eight) – Daýan Worren; ○ «**Like a Bird**» – **Sing-Sing**» (Sing Sing) – Abram Aleksander, Adrian Kuesada; ○ «**Mi Camino**» – «**Emiliýa Peres**» (Emilia Perez) – Kleman Dukol, Kamiý; ○ «**Never Too Late**» – «**Elton John: Never Too Late**» – Elton Jon, Brendi Karlaýl, Andrýuw Watt, Berni Topin.

## IŇ GOWY SAZ
○ «**Brutalist**» (The Brutalist) – Daniel Blumberg; ○ «**Konklaw**» (Conclave) – Wolker Bertelmann; ○ «**Emiliýa Peres**» (Emilia Perez) – Kleman Dukol, Kamiý; ○ «**Hyrsyz**» (Wicked) – Jon Pawell, Stefen Şwarts; ○ «**Ýabany robot**» (The Wild Robot) – Kris Bowers.

## IŇ GOWY GYSGA GÖWRÜMLI DOKUMENTAL FILM
○ «**Sanlar boýunça ölümler**» (Death by Numbers) – Kim A. Snaýder, Žanik L. Robillar; ○ «**Men taýýar, Worden**» (I Am Ready, Warden) – Smriti Mundhra, Maýa Gnyp; ○ «**Waka**» (Incident) – Bill Morrison, Jeými Kalwen; ○ «**Urýan ýüregiň gurallary**» (Instruments of a Beating Heart) – Ema Raýan Yamazaki, Erik Nýari; ○ «**Orkestrdäki ýeke-täk gyz**» (The Only Girl in the Orchestra) – Molli O'Breýen, Liza Remington.

## IŇ GOWY GYSGA GÖWRÜMLI FILM
○ «**Ipoteka**» (A Lien) – Säm Katler-Kroýts, Dewid Katler-Kroýts; ○ «**Anuja**» (Anuja) – Adam J. Greýwz, Suçitra Mattai; ○ «**Men robot däl**» (I'm Not a Robot) – Wiktoriýa Warmerdam, Trent; ○ «**Iň soňky goraýjy**» (The Last Ranger) – Sindi Li, Darwin Şow; ○ «**Dymyp oturyp bilmeýän adam**» (The Man Who Could Not Remain Silent) – Neboýsa Sliýepçewiç, Daniýel Pek.

## IŇ GOWY GYSGA GÖWRÜMLI ANIMASIÝA
○ «**Owadan adamlar**» (Beautiful Men) – Nikolas Keppens, Brekt wan Elslande; ○ «**Serwi agajynyň kölegesinde**» (In the Shadow of the Cypress) – Şirin Sohani, Hossein Molaýemi; ○ «**Jadyly kemputlar**» (Magic Candies) – Daisuke Nişio, Takaşi Waşio; ○ «**Gyzykly gezelenç**» (Wander to Wonder) – Nina Gants, Stinet Bosklopper; ○ «**Ýuk**» (Yuck!) – Loi Espuş, Žuliet Marke.

## IŇ GOWY SES
○ «**Bütinleý näbelli**» (A Complete Unknown) – T. A. Maitland, D. Silwester, T. Kaplan, P. Massi, D. Gammarko; ○ «**Dýuna: ikinji bölüm**» (Dune: Part Two) – G. Jon, R. King, R. Bartlett, D. Hemfill; ○ «**Emiliýa Peres**» (Emilia Perez) – E. Kerzanet, E. Dewolder, M. Dusser, S. Holts, N. Barletta; ○ «**Hyrsyz**» (Wicked) – S. Haýz, N. Nujent Taýtl, J. Dolman, E. Nelson, J. Markis; ○ «**Ýabany robot**» (The Wild Robot) – R. Tom, B. Çumni, Gari A. Rizzo, L. Lefferts.

## IŇ GOWY ÇEPERÇILIK BEZEGI
○ «**Brutalist**» (The Brutalist) – Judi Beker, Patrişiýa Kuççiýa; ○ «**Konklaw**» (Conclave) – Suzie Dewiz, Sintiýa Sleiter; ○ «**Dýuna: ikinji bölüm**» (Dune: Part Two) – Patris Wermet, Şeýn Wio; ○ «**Nosferatu**» (Nosferatu) – Kreýg Latrop, Beatris Brentnerowa; ○ «**Hyrsyz**» (Wicked) – Natan Krowli, Li Sandales.

## IŇ GOWY OPERATOR
○ «**Brutalist**» (The Brutalist) – Lol Krawli; ○ «**Dýuna: ikinji bölüm**» (Dune: Part Two) – Greig Fraýzer; ○ «**Emiliýa Peres**» (Emilia Perez) – Pol Giliom; ○ «**Mariýa**» (Maria) – Ed Lakman; ○ «**Nosferatu**» (Nosferatu) – Jarin Blaşke.

## IŇ GOWY MAKIÝAŽ WE SAÇ BEZEGI
○ «**Beýleki adam**» (A Different Man) – M. Marino, D. Presto, K. Hurado; ○ «**Emiliýa Peres**» (Emilia Perez) – Ý. F. Karbonel, E. Ýanwie, Žan-Kristof Spadaççini; ○ «**Nosferatu**» (Nosferatu) – D. Waýt, T. Loader, S. Stouks-Munton; ○ «**Substansiýa**» (The Substance) – Pier-Oliwer Persin, S. Giýon, M. Skarselli; ○ «**Hyrsyz**» (Wicked) – F. Hannon, L. Blon, S. Nut.

## IŇ GOWY GRIM
○ «**Bütinleý näbelli**» (A Complete Unknown) – Arianna Fillips; ○ «**Konklaw**» (Conclave) – Lizi Kristl; ○ «**Gladiator 2**» (Gladiator II) – Ýanti Ýeýts, Deýw Krossman; ○ «**Nosferatu**» (Nosferatu) – Linda Muir; ○ «**Hyrsyz**» (Wicked) – Pol Tazewell.

## IŇ GOWY MONTAŽ
○ «**Anora**» (Anora) – Şon Beýker; ○ «**Brutalist**» (The Brutalist) – Dewid Ýankso; ○ «**Konklaw**» (Conclave) – Nik Emerson; ○ «**Emiliýa Peres**» (Emilia Perez) – Žuliet Welfling; ○ «**Hyrsyz**» (Wicked) – Maýron Kerstein.

## IŇ GOWY WIZUAL EFFEKTLER
○ «**Gelmişek: Romulus**» (Alien: Romulus) – E. Barba, N. Sepulweda-Fauzer, D. Makarin, Ş. Mahan; ○ «**Gowy adam**» (Better Man) – L. Millar, D. Kleýton, K. Herft, P. Stabbs; ○ «**Dýuna: ikinji bölüm**» (Dune: Part Two) – P. Lambert, S, Jeýms, R. Salkom, G. Nefzer; ○ «**Maýmynlar planetasynyň şalygy**» (Kingdom of the Planet of the Apes) – E. Winkuist, S. Unterfranz, P. Stori, R. Burk; ○ «**Hyrsyz**» (Wicked) – P. Helman, J. Fawkner, D. Şirk, P. Korbuld.

## 7-nji SKANWORD




## 5-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Dodak. **2.** Yzgar, çyg. **4.** Agyzdan ýa-da burundan öýken arkaly alynýan hem goýberilýän howa. **5.** Gaýmalanyp hem-de keşdelenip tikilen başgap. **6.** Jogap, düşündiriş talap edilip berilýän sowal. **7.** Ot, alaw. **8.** Geçiniň, keýigiň erkegi. **9.** Ýewropa bilen Aziýa yklymlarynyň çatrygynda ýerleşýän deňiz. **10.** Milli naharlaryň biri. **13.** Arassaçylyk serişdesi. **14.** Gurt, möjek. **15.** ... gepden – belli gep. **16.** Russiýanyň futbol topary. **17.** Iň haýal jandarlaryň biri. **19.** Gadymy Parfiýa döwletiniň paýtagty. **24.** Jaýy gyzdyrmak üçin demirden ýasalan enjam. **25.** «Şägirt halypadan ozdurmasa, ... ýiter» (nakyl). **26.** Ýüpek almak üçin ýörite saklanýan, ýüpek gurçugynyň saraýan kiçijik ýumurtga şekilli önümi. **28.** Hindi maşgy. **30.** Awtobus, taksi ýaly gatnaw serişdeleriniň ýolagçylary düşürmek we mündürmek üçin ýörite durýan ýeri. **31.** Daşdaky zatlara seretmek üçin iki sany aýnaly turbajyklardan ybarat, elde göterilýän optiki gural. **32.** Stol oýny. **33.** «Göwün göwünden suw içer, ... – bogundan» (nakyl). **34.** Parahat. **35.** Çehiýanyň paýtagty. **36.** Ökjäniň ýokarsyndaky ýogyn damaryň duran ýeri. **37.** Aýynyň bir görnüşi. **38.** Öri meýdan, ýaýlag. **39.** Ýyrtyjy jandar. **40.** Bezeg, serenjam. **41.** Ümlük. **42.** Mekir jandar. **44.** Birsydyrgyn bolmadyk. **45.** Kakaň kakasy. **50.** Tebigy bela, betbagtlyk. **53.** Mähriban, mähirli. **60.** Balyk ýumurtgalarynyň tohumynyň massasy. **61.** Özüňden uly erkek dogan. **62.** «... kesbi ogla halal» (nakyl). **63.** Göwräni kelle bilen berilýän içi ýilikli süňk. **65.** Kosmetiki serişde. **66.** Anyk, açyk. **68.** Müsüriň paýtagty. **69.** Azerbaýjanyň paýtagty. **70.** «Gök otdan doýan sygyrlar ýalta ... gaýtaryp, pökgerip ýatyrdylar» (B.Kerbabaýew, «Aýgytly ädim»). **71.** Çalymtyk ak reňkli ýalpyldawuk gymmatbaha metal. **73.** Hökmany ýerine ýetirmek şerti bilen berilýän berk buýruk. **74.** Gyz ady. **76.** Reňk. **77.** At esbaby. **85.** «Gutarylan işden ... ysy geler» (Paýhas çeşmesi). **86.** «Ýag» sözüniň iňlisçesi. **87.** Küle öwrülmedik ot bölegi.

● **KESELIGINE:** **1.** Ýyrtyjy guş. **3.** Gury iýmiş. **7.** Miwe. **11.** Wýetnamyň paýtagty. **12.** Ýurdumyzda bir welaýat. **13.** Şwed awtoulag öndüriji kompaniýasy. **15.** Iki meňzeş çaga. **17.** «Az bolsun, ... bolsun» (nakyl). **18.** Oglan ady. **20.** Düşýän ýagtynyň inçe zolaklary. **21.** Tahallus. **22.** Gyzlaryň tahýasynyň depesine dakýan bezeg şaýy. **23.** Miwe. **24.** Öý jandary. **26.** Gadymy ösümlikleriň biri. **27.** Agaçlyk meýdan. **29.** Galyň syk matadan ýasalan wagtlaýyn jaý. **31.** «Dil – bela, ... – gala» (nakyl). **33.** Beýik diwarly howly, berkitme. **35.** Demre kislorodyň täsir etmegi netijesinde onuň ýüzünde emele gelýän we iýlip gitmegine sebäp bolýan gyzylymtyl-goňur gatlak. **37.** Hak, ülüş. **39.** Beden synasy. **41.** Maglumat mukdaryny ölçemek birligi. **43.** Döredijilik zähmetiniň önümi. **44.** Ortalyk. **46.** Arhitektura tilsimi. **47.** Içi ýüplük pelteli ýaşyk beriji enjam. **48.** Wengriýada uly köl. **49.** At esbaby. **50.** Gadymy däpleriň biri. **51.** «... sürlen ýeri çöp basar» (nakyl). **52.** Gyz ady. **54.** Oglan ady. **55.** Derman, em. **56.** Haýran galmak. **57.** Eliň iç ýüzi. **58.** Himiki element. **59.** Ownuk bolmadyk. **61.** Ak-gara ýüplükden işilen bag. **64.** Garpyzdan alynýan önüm. **66.** Hoz, pisse, badam, erik we ş.m. şäniginiň içindäki tagamly, iýilýän ýagjymak özen. **67.** Akar. **71.** Guradylan erik, ülje, alma ýaly miweler, pomidor we ş.m. gök önümler. **72.** Äpet, uly. **75.** Gyz ady. **76.** Nahara sepmek üçin hora üzüm sykylyp, turşadylyp alynýan suwuklyk. **78.** Gözüň üstündäki kirpikli ham örtügi. **79.** Gulp açýan enjam. **80.** Utanç. **81.** Gyzgyldrak goňur reňk. **82.** Süýji suw gurçugy. **83.** Gymmat bahaly daş. **84.** Çyg. **86.** Geçiniň, keýigiň entek alty aýa ýetmedik çagasy. **88.** Sözüň aýdylyş äheňi.



5-nji skanwordyň jogaby:



6-njy skanwordyň jogaby:



**Gülälek HAÝDAROWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# ÇEMPIONLAR LIGASYNYŇ LIGA TAPGYRY TAMAMLANDY






**UEFA Çempionlar Ligasynda täze formatdaky ýaryşyň liga tapgyry tamamlandy. 8-nji tapgyrda ähli duşuşyklar birwagtda başlap, futbol janköýerleri ýatdan çykmajak agşamy başdan geçirdiler. Geçirilen her gol toparlaryň sanawdaky ornuny üýtgedip, dartgynly, tolgundyryjy pursatlara sebäp boldy. Netijede, 18 oýunda 64 gol geçirilip, ýaryşy dowam etdirjek, ýaryşdan çykan klublar kesgitlendi. 3 futbolçy het-trik etdi, 1 futbolçy bolsa 2 pökgini ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden girizdi. Duşuşyklaryň ählisinde-de gol geçirilip, 10 oýunda ýer eýeleri, duşuşykda myhmanlar ýeňiş gazandy. 2 duşuşykda-da ýeňiş gazanan bolmady.**

### Iňlis we fransuz klublary säwliksiz dowam eder

Iňlisleriň hem-de fransuzlaryň 4 kluby-da häzirlikçe ýaryşy dowam edip, 5 topar bilen wekilçilik eden italýanlaryň 4, nemesleriň 3 kluby fewral-mart aýlaryndaky duşuşyklara-da gatnaşarlar. Ispan toparlarynyň biri üçin ýaryş tamamlandy. Portugaliýanyň, Niderlandlaryň 2 kluby pleý-offa çykan bolsa, Awstriýanyň klublarynyň 2-si hem ýaryşy şowsuz jemledi. Umumylykda, uly klublar üçin garaşylmadyk netije bolmady. Ýöne 2023-nji ýylyň çempiony «Mançester Siti» tasdanam, täze formatdaky ýaryşyň ilkinji möwsüminiň ilkinji uly sýurprizi bolýardy.

Ýaryşy ilkinji 8 orunda tamamlan klublar mart aýynda geçiriljek 1/8 finala gönümel çykdy. 9–24-nji orunlary eýelänler bolsa 1/8 finala çykmak üçin fewral aýynda pleý-off duşuşyklaryny geçirmeli bolarlar. 9–16-njy ýerde tamamlanlar pleý-off tapgyrynyň bijeleriniň faworit toparlary bolup, olar bijä laýyklykda 17–24-nji orunda tamamlan klublar bilen duşuşarlar.

### Utulsa-da, birinji orny eýeledi

Mundan öňki 7 duşuşykda ýeňiş gazanyp, soňkusynda utulan «Liwerpul» sanawy 1-nji orunda tamamlady. Myhmançylykda PSW bilen duşuşan «Liwerpul» ätiýaçdaky oýunçylary bilen çykan duşuşygynda eýndhowenlilerden 3–2 hasabynda asgyn geldi. «Barselona» öz meýdançasynda «Atalanta» bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady.

«Žironany» myhmançylykda Žoržinio hem-de Nwaneriniň gollary bilen 2–1 ýeňen «Arsenal» 3-nji, Monakony Lautara Martinesiň het-trigi bilen 3–0 hasabynda ýeňen «Inter» 4-nji orny eýeledi. «Inter» 8 oýunda 1 gol geçirtdi. Grizmannyň 2 gol geçiren oýnunda «Atletiko Madrid» myhmançylykda «Red Bull Salsburgy» 4–1 hasabynda utdy. «Baýer» öz meýdançasynda «Sparta Pragany» 2–0 hasabynda ýeňip, 6-njy orun bilen 1/8 finala çykdy. Germaniýada oýnalan beýleki 2 duşuşykda birmeňzeş netijeler hasaba alyndy. «Bundesligada» şowsuz çykyş edýän «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda «Şahtýor Doneskden», «Bawariýa» bolsa «Slowan Bratislawadan» 3–1 hasaplar bilen üstün çykdy. Dortmundlylaryň gollarynyň 2-sini Seru Girassi derwezä girizdi.



Tapgyryň iň köp gol geçirilen duşuşygynda «Lill» öz meýdançasynda geçen tapgyrda «Bawariýanyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizen «Feýenoordy» 6-1 hasabynda ýeňdi. «Lill» topary soňky 74–80-nji minutlar aralygynda 3 gol geçirdi. 6 goluň 2-si awtogol bolup, «Feýenoordyň» awstriýaly goragçysy Gernot Trauner 38-nji hem-de 76-njy minutlarda topy ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden girizdi. «Lill» bu ýeňişden soň 7-nji orna beýgelip, sanawy garaşylmadyk ýerde tamamlady. 42 ýyldan soň UEFA-nyň iň uly klub ýaryşyna gatnaşan «Aston Willa» Morgan Rojersiň het-trik eden duşuşygynda «Seltigi» 4–2 hasabynda ýeňip, 8-nji ýeri eýelemegi başardy.

### Şäherlilere ýeňil düşmedi

Soňky tapgyra 25-nji orunda başlan «Mançester Siti» öz meýdançasynda ähli ýaryşlary alanyňda, 20 oýundan bäri utulman gelýän «Klub Brýuggeni» kabul etdi. 1-nji ýarymyň ahyrynda myhmanlar 1–0 hasabynda öňe saýlanyp, şäherlileri hasam kyn ýagdaýa saldy. Ýöne 2-nji ýarymda özlerini dürsän Guardiolanyň şägirtleri Kowaçiçiň, Ordonýesiň (ö.d.) hem-de Sawinionyň gollary bilen ýeňiş gazanyp, taryhy sýurpriziň ýüze çykmagyna rugsat bermedi. «Klub Brýugge» bu ýeňlişe garamazdan, iň soňky bolup, pleý-offa özüni oklamagy başardy.

### Ýeňiş ýeterlik bolmady

Öz meýdançasynda 1 oýunçy kem galan «Milany» 2–1 hasabynda ýeňen «Dinamo Zagrebiň» bu ýeňşi ilkinji 24 toparyň arasyna goşulmagy üçin ýeterlik bolmady. Sebäbi öz meýdançasynda «Bolonýa» bilen duşuşan «Sporting» hasaby deňledi. 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanan bu duşuşygyň netijesi «Sportingi» pleý-offda alyp galan bolsa, zagreblileri ýaryşdan çykardy. Bu netije ilkinji 24 toparyň arasynda iň soňky orunlary eýeläp goşulan toparlaryň ykbalyny kesgitledi. «Milan» 7-nji oýunlardan soň 6-njy orny eýeleýärdi. Emma Horwatiýada Fabio Kannawaronyň tälimçiligindäki klubdan utulanyndan soň, 13-nji orna düşdi. Usman Dembeleniň het-trik eden duşuşygynda «Ştutgartdan» 4–1 hasabynda üstün çykan PSŽ, 22-nji orundan 15-nji orna geçip, «Ştutgarty» ýaryşdan çykardy.

Soňky duşuşyklarynda-da utulan «Slowan Bratislawa» bilen «Ýang Boýz» toparlary ýaryşy utuksyz tamamladylar.

### «Mançester Siti» topary «Bawariýa» ýa-da «Real» bilen bije çekişer

Pleý-off tapgyrynyň bijeleri şu gün çekiler. Bije çekiliş Aşgabat wagty bilen 16:00-da başlanar. Aslynda, pleý-off tapgyrynda duşuşjak toparlaryň takmyny bijesi belli bolup, 9–10-njy orunlarda tamamlanlar 23–24-nji orunlardaky toparlar bilen bije çekişer. 11–12-nji ýerdäki toparlaryň garşydaşlary 21–22-nji orunda tamamlan klublar bolar. Mysal üçin, kynlyk bilen pleý-offa çykan «Mançester Sitiniň» garşydaşy «Bawariýa» ýa-da «Real Madrid» bolar. «Milan» ýa-da «Feýenoord» toparlary «Ýuwentus» ýa-da PSW bilen bije çekişer. Pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklary 11–12-nji hem-de jogap oýunlary 18–19-njy fewralda oýnalar.

| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Liwerpul | 8 | 7 | 0 | 1 | 17-5 | 21 |
| 2 | Barselona | 8 | 6 | 1 | 1 | 28-13 | 19 |
| 3 | Arsenal | 8 | 6 | 1 | 1 | 16-3 | 19 |
| 4 | Inter | 8 | 6 | 1 | 1 | 11-1 | 19 |
| 5 | Atletiko Madrid | 8 | 6 | 0 | 2 | 20-12 | 18 |
| 6 | Baýer | 8 | 5 | 1 | 2 | 15-7 | 16 |
| 7 | Lill | 8 | 5 | 1 | 2 | 17-10 | 16 |
| 8 | Aston Willa | 8 | 5 | 1 | 2 | 13-6 | 16 |
| 9 | Atalanta | 8 | 4 | 3 | 1 | 20-6 | 15 |
| 10 | Borussiýa D | 8 | 5 | 0 | 3 | 22-12 | 15 |
| 11 | Real Madrid | 8 | 5 | 0 | 3 | 20-12 | 15 |
| 12 | Bawariýa | 8 | 5 | 0 | 3 | 20-12 | 15 |
| 13 | Milan | 8 | 5 | 0 | 3 | 14-11 | 15 |
| 14 | PSW | 8 | 4 | 2 | 2 | 16-12 | 14 |
| 15 | PSŽ | 8 | 4 | 1 | 3 | 14-9 | 13 |
| 16 | Benfika | 8 | 4 | 1 | 3 | 16-12 | 13 |
| 17 | Monako | 8 | 4 | 1 | 3 | 13-13 | 13 |
| 18 | Brest | 8 | 4 | 1 | 3 | 10-11 | 13 |
| 19 | Feýenoord | 8 | 4 | 1 | 3 | 18-21 | 13 |
| 20 | Ýuwentus | 8 | 3 | 3 | 2 | 9-7 | 12 |
| 21 | Seltik | 8 | 3 | 3 | 2 | 13-14 | 12 |
| 22 | Mançester Siti | 8 | 3 | 2 | 3 | 18-14 | 11 |
| 23 | Sporting | 8 | 3 | 2 | 3 | 13-12 | 11 |
| 24 | Klub Brýugge | 8 | 3 | 2 | 3 | 7-11 | 11 |
| 25 | Dinamo Zagreb | 8 | 3 | 2 | 3 | 12-19 | 11 |
| 26 | Ştutgart | 8 | 3 | 1 | 4 | 13-17 | 10 |
| 27 | Şahtýor Donesk | 8 | 2 | 1 | 5 | 8-16 | 7 |
| 28 | Bolonýa | 8 | 1 | 3 | 4 | 4-9 | 6 |
| 29 | Srwena Zwezda | 8 | 2 | 0 | 6 | 13-22 | 6 |
| 30 | Şturm Gras | 8 | 2 | 0 | 6 | 5-14 | 6 |
| 31 | Sparta Praga | 8 | 1 | 1 | 6 | 7-21 | 4 |
| 32 | Leipsig | 8 | 1 | 0 | 7 | 8-15 | 3 |
| 33 | Žirona | 8 | 1 | 0 | 7 | 5-13 | 3 |
| 34 | Red Bull Salsburg | 8 | 1 | 0 | 7 | 5-27 | 3 |
| 35 | Slowan Bratislawa | 8 | 0 | 0 | 8 | 7-27 | 0 |
| 36 | Ýang Boýz | 8 | 0 | 0 | 8 | 3-24 | 0 |

**ASTON WILLA — SELTIK: 4–2**
/Rojers 3, 5, 91+1, Wotkins 60 — Idah 36, 38/
**BAÝER — SPARTA PRAGA: 2–0**
/Wirts 32, Tella 64/
**BORUSSIÝA DORTMUND — ŞAHTÝOR DONESK: 3–1**
/Girassi 17, 44, Bensebaini 79 — Marlon 50/
**ÝANG BOÝZ — SRWENA ZWEZDA: 0–1**
/Gelor Kanga 69/
**BARSELONA — ATALANTA: 2–2**
/Ýamal 47, Arauho 72 — Ederson 67, Paşaliç 79/
**BAWARIÝA — SLOWAN BRATISLAWA: 3–1**
/Müller 8, Keýn 63, Koman 84 — Toliç 90/
**INTER — MONAKO: 3–0**
/Lautara Martines 4 p, 16, 67/
**RED BULL SALSBURG — ATLETIKO MADRID: 1–4**
/Dagim 90+1 — Simeone 5, Grizmann 13, 45+1, Llorente 63/
**ŽIRONA — ARSENAL: 1–2**
/Danžuma 28 — Žoržinio 38 p, Nwaneri 42/
**DINAMO ZAGREB — MILAN: 2–1**
/Baturina 19, Pýasa 60 — Pulişiç 53/
**ÝUWENTUS — BENFIKA: 0–2**
/Pawlidis 16, Kökçü 80/
**LILL — FEÝENOORD: 6–1**
/Sahraui 4, Trauner 38 ö.d., 76 ö.d., Gomes 57, Dewid 74, Kabella 80 — Himenes 14/
**MANÇESTER SITI — KLUB BRÝUGGE: 3–1**
/Kowaçiç 53, Ordonýes 62 ö.d., Sawinio 77 — Onýedika 45/
**PSW — LIWERPUL: 3–2**
/Bakaýoko 35, Saibari 45, Pepi 45+6 — Gakpo 28 p, Elliot 40/
**ŞTURM GRAS — LEIPSIG: 1–0**
/Arýan Maliç 42/
**SPORTING — BOLONÝA: 1–1**
/Harder 77 — Pobega 21/
**BREST — REAL MADRID: 0-3**
/Rodrigo 27, 78, Bellingam 56/
**ŞTUTGART — PSŽ: 1–4**
/Paço 77 ö.d. — Barkola 6, Dembele 17, 35, 54/





## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*1-nji fewral (şenbe)*

**N. Forest – Braýton (17:30)**
Bawariýa – Holştaýn (19:30)
Haýdenhaým – Borussiýa D (19:30)
**BORNMUT – LIWERPUL (20:00)**
Nýukasl – Fulham (20:00)
Brest – PSŽ (21:00)
Atalanta – Torino (22:00)
Wulwerhempton – A. Willa (22:30)
Atletiko – Malýorka (22:30)
Union Berlin – Leipsig (22:30)
Monako – Oser (23:00)
Espanýol – Real Madrid (01:00)

*2-nji fewral (ýekşenbe)*

Ýuwentus – Empoli (16:30)
Barselona – Alawes (18:00)
**Aýaks – Feýenoord (18:30)**
**Brentford – Tottenham (19:00)**
M. Ýunaýted – K. Palas (19:00)
Aýntraht – Wolfsburg (19:30)
**ARSENAL – MAN. SITI (21:30)**
Baýer – Hoffenhaým (21:30)
**MILAN – INTER (22:00)**
**ROMA – NAPOLI (00:45)**
**Marsel – Lion (00:45)**
Betis – Atletik (01:00)

*3-nji fewral (duşenbe)*

Gaziantep – Galatasaraý (22:00)
Kaliari – Lasio (00:45)
**Çelsi – West Ham (01:00)**

# «Liwerpul» 18, «Bornmut» 11 oýundan bäri utulanok

Angliýanyň çempionatynda sanawyň lideri, 18 oýundan bäri utulman gelýän «Liwerpula» öz meýdançasynda «Ipswiç Tawny» ýeňmek kyn düşmedi. 4–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Liwerpulyň» gollaryny Sobosali, Salah hem-de Gakpo (2) geçirdi. Salahyň APL-däki gollarynyň sanyny 176-a ýetip, ol Tierri Anriden öňe geçdi. Salah ýene-de 2 gol geçirse, 6-njy orundaky Frank Lampardy hem yzda galdyrar. Çempionatda «Bornmutyň» şemaly belentden öwüsýär. 11 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Bornmut» topary ilkinji 4-lükde galmak üçin dyrjaşýan «Nottingam Forest» toparyny 5–0 hasabynda ýeňdi. Gollary Kluiwert, Uattara (3) hem-de Semenýo öz atlaryna ýazdyrdy.



Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Mançester Siti» bilen «Çelsi» duşuşdy. Ýer eýeleriniň düzüminde 2 täze transfer Husanow bilen Marmuş hem esasy düzümde çykyş edip, londonlylar Husanowyň 3-nji minutdaky uly ýalňyşlygyndan soň öňe saýlandy. Maduekeniň bu goluna şäherliler 1-nji ýarymyň tamamlanmagyna 3 minut galanda, Gwardiolyň goly bilen jogap berdiler. 2-nji ýarymda bolsa «Siti» ýyldyz hüjümçileri — Holannyň hem-de Fodeniň tapawutlanmagynda 3–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Arsenal» myhmançylykda «Wulwerhemptony» Kalafioriniň ýeke-täk goly bilen utdy. Şol netije «Fulham»—«Mançester Ýunaýted» duşuşygynda-da hasaba alnyp, myhmanlaryň ýeke-täk goluny goragçy Lisandro Martines öz adyna ýazdyrdy. Myhmançylykda «Tottenhamy» Wardi hem-de El-Hannusyň gollary bilen ýeňen «Lester Siti» 8 oýundan soň ilkinji ýeňşini gazandy. «Nýukasl» myhmançylykda «Southempton» bilen duşuşyp, 10-njy minutda Bednaregiň takyk urgusy esasynda öňe geçen garşydaşyny 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Myhmanlaryň gollarynyň 2-sini Aleksander Isak, beýlekisini-de Tonali derwezä girizdi.

* * *

Germaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Bawariýa» myhmançylykda «Fraýburgy» Keýn hem-de Kim Min Ženiň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 19-njy tapgyrda 4 duşuşyk 2–2 hasabynda deňlikde tamamlandy. Şolaryň birinde «Baýer» myhmançylykda «Leipsig» bilen duşuşyp, 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, soňky minutlarda ýeňşi elden giderdi. Tälimçisi Nuri Şahini ugradan «Borussiýa Dortmund» hem öz meýdançasynda 2–0 hasabynda öňe geçenem bolsa, soňlugy bilen bir utuga razy boldy.



# Täze tälimçiler



Belgiýanyň milli ýygyndysynda italiýaly tälimçi Domeniko Tedeskonyň ornuna fransiýaly Rudi Garsiýa wezipä bellendi. 60 ýaşyndaky Rudi Garsiýa bu topara tälim berjek ilkinji fransuz hünärmeni bolar. Şol bir wagtyň özünde-de «Dižon», «Lill», «Roma», «Marsel», «Lion», «Al Nassr», «Napoli» klublaryna tälim beren Rudi Garsiýa ilkinji gezek milli ýygyndyda işlär. 39 ýaşyndaky Tedesko 2023-nji ýylda Belgiýanyň tälimçisi bolupdy we ýygyndy topar onuň ýolbaşçylygynda 24 oýnuň 12-sinde ýeňip, 6-synda utulypdy.



* Niderland tälimçi Patrik Kluiwert Indoneziýanyň milli ýygyndysynyň tälimçiligine bellendi. 48 ýaşyndaky hünärmen 2+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Kluiwert soňky gezek Türkiýäniň «Adana Demirspor» toparyna tälimçilik edipdi.

* «Porto» toparynda-da tälimçi çalşyp, Witor Brunonyň ornuna argentinaly Martin Anselmi bilen 2,5 ýyllyk şertnama baglaşyldy. «Porto» topary argentin kluby «Kruz Azula» 3 million dollar öweztölegini berer.

* «Borussiýa Dortmund» topary tarapyndan tälimçi Nuri Şahiniň deregine horwatiýaly Niko Kowaç bilen 1,5 ýyllyk şertnama baglaşylandygy habar berildi.

### PREMIER LEAGUE (23) — 29 gol

**Bornmut—N. Forest: 5–0** (Kluiwert 9, Uattara 55, 61, 87, Semenýo 90+1), **Braýton—Ewerton: 0–1** (Ndiaý 42 p), **Liwerpul—Ipswiç: 4–1** (Soboslai 11, Salah 35, Gakpo 44, 66 — Griwz 90), **Southempton—Nýukasl: 1–3** (Bednarek 10 — Isak 26 p, 30, Tonali 51), **Wulwerhempton—Arsenal: 0–1** (Kalafiori 75), **Man. Siti—Çelsi: 3–1** (Gwardiol 42, Holann 68, Foden 87 — Madueke 3), **K. Palas—Brentford: 1–2** (Esse 85 — Mbemo 66 p, Şade 80), **Tottenham—Lester: 1–2** (Rişarlison 33 — Wardi 46, El-Hannus 50), **Aston Willa—West Ham: 1–1** (Remzi 8 — Emerson 70), **Fulham—M. Ýunaýted: 0–1 (Martines 78)**

### LA LIGA (21) — 26 gol

**Las Palmas—Osasuna: 1–1** (Ýanuzaý 90+8 — Oros 53), **Malýorka—Betis: 0–1** (Bakambu 90+6), **Atletiko—Wilýarreal: 1–1** (Lino 58 – Moreno 29 p), **Sewilýa—Espanýol: 1–1** (Bade 61 — Kumbula 15), **Walýadolid—Real Madrid: 0–3** (Mbappe 30, 57, 90+1 p), **R. Wallekano—Žirona: 2–1** (Nteka 80, 83 — Hil 58), **R. Sosiedad—Hetafe: 0–3** (Uçe 72, Karles Peres 74, 85), **Atletik—Leganes: 0–0, Barselona—Walensiýa: 7–1** (De Ýong 3, Torres 8, Rafinýa 14, Fermin Lopes 24, 45+4, Lewandowski 66, Tarrega 75 ö.d. — Duro 59), **Alawes—Selta: 1–1** (Kike Garsiýa p — Duran 66)

### SERIE A (22) — 29 gol

**Torino—Kaliari: 2–0** (Çe Adams 6, 61), **Komo—Atalanta: 1–2** (Paz 30 — Retegi 56, 70), **Napoli—Ýuwentus: 2–1** (Zambo-Angissa 57, Lukaku 69 p — Kolo Muani 43), **Empoli—Bolonýa: 1–1** (Kolombo 24 — Dominges 44), **Milan—Parma: 3–2** (Pulişiç 38 p, Reýnders 90+2, Çukwueze 90+5 — Kançelieri 24, Del Prato 80), **Udineze—Roma: 1–2** (Lukka 38 — Pellegrini 50 p, Dowbyk 64 p), **Leççe—Inter: 0–4** (Frattezi 6, Martines 39, Dumfris 57, Taremi 61 p), **Lasio—Fiorentina: 1–2** (Maruşiç 90+2 — Adli 11, Beltran 17), **Wenesiýa—Werona: 1–1** (Zerbin 28 — Çaçua 76), **Jenoa—Monza: 2–0** (De Winter 61, Waskes 84)

### BUNDESLIGA (19) — 30 gol

**Wolfsburg—Holştaýn: 2–2** (Wimmer 50, Winn 53 — Zes 13, Skribski 80), **Leipsig—Baýer: 2–2** (Raum 41, Tapsoba 85 ö.d. — Şik 18, Aleş Garsiýa 36), **Borussiýa D—Werder: 2-2** (Girassi 28, Fridl 51 ö.d. — Bittenkurt 65, Dukş 72), **Fraýburg—Bawariýa: 1–2** (Ginter 68 — Keýn 15, Kim Min Že 54), **Augsburg—Haýdenhaým: 2–1** (Matsima 45+1, Şlotterbek 90+3 — Mainka 77), **Maýns—Ştutgart: 2–0** (Waýper 30, Kasi 86), **Borussiýa M—Bohum: 3–0** (Raýts 34, Hak 55, Klýaýndinst 86), **Hoffenhaým—Aýntraht: 2–2** (Orban 65, Hložek 90+6 — Ekitike 26 p, 71), **Sankt-Pauli—Union Berlin: 3–0** (Gilýawogi 31, 51, Sinani 90+3)

### LIGUE 1 (19) — 21 gol

**Oser—Sent-Etien: 1–1** (Traore 27 — Stassen 45), **Monako—Renn: 3–2** (Akliuş 15, Biret 52, Golowin 56 — Nagida 45+1, Guiri 67), **Strasbur—Lill: 2–1** (Santos 70, Emegha 74 — Sahraui 8), **PSŽ—Reýms: 1–1** (Dembele 47 — Nakamura 56), **Le Hawr—Brest: 0–1** (Ažork 25), **Tuluza—Monpelie: 1–2** (Kasseres 59 — Sanian 62, Maamma 83), **Lans—Anže: 1–0** (Frankowski 49), **Nant—Lion: 1–1** (Mohamed 90 — Nuama 10), **Nissa—Marsel: 2–0** (Gessand 7, Şo 51)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 22 | 16 | 5 | 1 | 54-21 | 53 |
| 2 | ARSENAL | 23 | 13 | 8 | 2 | 44-21 | 47 |
| 3 | N. FOREST | 23 | 13 | 5 | 5 | 33-27 | 44 |
| 4 | MAN. SITI | 23 | 12 | 5 | 6 | 47-30 | 41 |
| 5 | NÝUKASL | 23 | 12 | 5 | 6 | 41-27 | 41 |
| 6 | ÇELSI | 23 | 11 | 7 | 5 | 45-30 | 40 |
| 7 | BORNMUT | 23 | 11 | 7 | 5 | 41-26 | 40 |
| 8 | ASTON WILLA | 23 | 10 | 7 | 6 | 34-35 | 37 |
| 9 | BRAÝTON | 23 | 8 | 10 | 5 | 35-31 | 34 |
| 10 | FULHAM | 23 | 8 | 9 | 6 | 34-31 | 33 |
| 11 | BRENTFORD | 23 | 9 | 4 | 10 | 42-40 | 31 |
| 12 | M. ÝUNAÝTED | 23 | 8 | 5 | 10 | 28-32 | 29 |
| 13 | KRISTAL PALAS | 23 | 6 | 9 | 8 | 26-30 | 27 |
| 14 | WEST HAM | 23 | 7 | 6 | 10 | 28-44 | 27 |
| 15 | TOTTENHAM | 23 | 7 | 3 | 13 | 46-37 | 24 |
| 16 | EWERTON | 22 | 5 | 8 | 9 | 19-28 | 23 |
| 17 | LESTER SITI | 23 | 4 | 5 | 14 | 25-49 | 17 |
| 18 | W. HEMPTON | 23 | 4 | 4 | 15 | 32-52 | 16 |
| 19 | IPSWIÇ TAWN | 23 | 3 | 7 | 13 | 21-47 | 16 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 23 | 1 | 3 | 19 | 16-53 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 19 |
| 2 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 18 |
| 3 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 17 |
| 4 | Koul PALMER (Çelsi) | 14 |
| 5 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 14 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 21 | 15 | 4 | 2 | 50-20 | 49 |
| 2 | ATLETIKO M | 21 | 13 | 6 | 2 | 35-14 | 45 |
| 3 | BARSELONA | 21 | 13 | 3 | 5 | 59-24 | 42 |
| 4 | ATLETIK B | 21 | 11 | 7 | 3 | 31-18 | 40 |
| 5 | WILÝARREAL | 21 | 9 | 7 | 5 | 39-32 | 34 |
| 6 | MALÝORKA | 21 | 9 | 3 | 9 | 19-26 | 30 |
| 7 | R. SOSIEDAD | 21 | 7 | 8 | 6 | 25-24 | 29 |
| 8 | ŽIRONA | 21 | 8 | 4 | 9 | 29-29 | 28 |
| 9 | R. WALLEKANO | 21 | 8 | 4 | 9 | 17-17 | 28 |
| 10 | BETIS | 21 | 7 | 7 | 7 | 23-26 | 28 |
| 11 | OSASUNA | 21 | 6 | 9 | 6 | 25-30 | 27 |
| 12 | SEWILÝA | 21 | 7 | 6 | 8 | 24-30 | 27 |
| 13 | SELTA | 21 | 7 | 4 | 10 | 30-33 | 25 |
| 14 | HETAFE | 21 | 5 | 8 | 8 | 17-17 | 23 |
| 15 | LAS PALMAS | 21 | 6 | 5 | 10 | 26-34 | 23 |
| 16 | LEGANES | 21 | 5 | 8 | 8 | 19-29 | 23 |
| 17 | ALAWES | 21 | 5 | 6 | 10 | 25-33 | 21 |
| 18 | ESPANÝOL | 21 | 5 | 5 | 11 | 20-33 | 20 |
| 19 | WALENSIÝA | 21 | 3 | 7 | 11 | 20-36 | 16 |
| 20 | WALÝADOLID | 21 | 4 | 3 | 14 | 14-42 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 17 |
| 2 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 15 |
| 3 | RAFINÝA (Barselona) | 12 |
| 4 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 10 |
| 5 | Dodi LUKEBAKIO (Sewilýa) | 9 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 22 | 17 | 2 | 3 | 37-15 | 53 |
| 2 | INTER | 21 | 15 | 5 | 1 | 55-18 | 50 |
| 3 | ATALANTA | 22 | 14 | 4 | 4 | 48-25 | 46 |
| 4 | LASIO | 22 | 12 | 3 | 7 | 38-30 | 39 |
| 5 | ÝUWENTUS | 22 | 8 | 13 | 1 | 35-19 | 37 |
| 6 | FIORENTINA | 21 | 10 | 6 | 5 | 35-22 | 36 |
| 7 | MILAN | 21 | 9 | 7 | 5 | 32-23 | 34 |
| 8 | BOLONÝA | 21 | 8 | 10 | 3 | 33-27 | 34 |
| 9 | ROMA | 22 | 8 | 6 | 8 | 33-28 | 30 |
| 10 | TORINO | 22 | 6 | 8 | 8 | 23-26 | 26 |
| 11 | UDINEZE | 22 | 7 | 5 | 10 | 25-34 | 26 |
| 12 | JENOA | 22 | 6 | 8 | 8 | 20-30 | 26 |
| 13 | KOMO | 22 | 5 | 7 | 10 | 27-36 | 22 |
| 14 | EMPOLI | 22 | 4 | 9 | 9 | 21-29 | 21 |
| 15 | KALIARI | 22 | 5 | 6 | 11 | 23-36 | 21 |
| 16 | PARMA | 22 | 4 | 8 | 10 | 28-39 | 20 |
| 17 | WERONA | 22 | 6 | 2 | 14 | 25-48 | 20 |
| 18 | LEÇÇE | 22 | 5 | 5 | 12 | 15-40 | 20 |
| 19 | WENESIÝA | 22 | 3 | 7 | 12 | 20-35 | 16 |
| 20 | MONZA | 22 | 2 | 7 | 13 | 20-33 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 16 |
| 2 | Markus TURAM (Inter) | 13 |
| 3 | Moýze KEN (Fiorentina) | 12 |
| 4 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 10 |
| 5 | Lautara MARTINES (Inter) | 9 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 19 | 15 | 3 | 1 | 58-16 | 48 |
| 2 | BAÝER | 19 | 12 | 6 | 1 | 46-26 | 42 |
| 3 | AÝNTRAHT | 19 | 11 | 4 | 4 | 44-26 | 37 |
| 4 | ŞTUTGART | 19 | 9 | 5 | 5 | 36-28 | 32 |
| 5 | LEIPSIG | 19 | 9 | 5 | 5 | 34-29 | 32 |
| 6 | MAÝNS | 19 | 9 | 4 | 6 | 33-23 | 31 |
| 7 | WOLFSBURG | 19 | 8 | 4 | 7 | 42-34 | 28 |
| 8 | BORUSSIÝA M | 19 | 8 | 3 | 8 | 30-29 | 27 |
| 9 | WERDER | 19 | 7 | 6 | 6 | 33-36 | 27 |
| 10 | FRAÝBURG | 19 | 8 | 3 | 8 | 26-36 | 27 |
| 11 | BORUSSIÝA D | 19 | 7 | 5 | 7 | 34-33 | 26 |
| 12 | AUGSBURG | 19 | 7 | 4 | 8 | 23-34 | 25 |
| 13 | SANKT-PAULI | 19 | 6 | 2 | 11 | 17-21 | 20 |
| 14 | UNION BERLIN | 19 | 5 | 5 | 9 | 16-27 | 20 |
| 15 | HOFFENHAÝM | 19 | 4 | 6 | 9 | 25-37 | 18 |
| 16 | HAÝDENHAÝM | 19 | 4 | 2 | 13 | 24-40 | 14 |
| 17 | HOLŞTAÝN | 19 | 3 | 3 | 13 | 28-48 | 12 |
| 18 | BOHUM | 19 | 2 | 4 | 13 | 17-43 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 17 |
| 2 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 15 |
| 3 | Patrik ŞIK (Baýer) | 13 |
| 4 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 12 |
| 5 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 11 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 19 | 14 | 5 | 0 | 49-17 | 47 |
| 2 | MARSEL | 19 | 11 | 4 | 4 | 40-23 | 37 |
| 3 | MONAKO | 19 | 10 | 4 | 5 | 32-22 | 34 |
| 4 | NISSA | 19 | 9 | 6 | 4 | 38-25 | 33 |
| 5 | LILL | 19 | 8 | 8 | 3 | 29-19 | 32 |
| 6 | LION | 19 | 8 | 6 | 5 | 30-23 | 30 |
| 7 | LANS | 19 | 8 | 6 | 5 | 23-18 | 30 |
| 8 | BREST | 19 | 9 | 1 | 9 | 29-31 | 28 |
| 9 | STRASBUR | 19 | 7 | 6 | 6 | 33-31 | 27 |
| 10 | TULUZA | 19 | 7 | 4 | 8 | 20-21 | 25 |
| 11 | OSER | 19 | 6 | 5 | 8 | 25-29 | 23 |
| 12 | REÝMS | 19 | 5 | 7 | 7 | 25-27 | 22 |
| 13 | ANŽE | 19 | 6 | 4 | 9 | 21-28 | 22 |
| 14 | NANT | 19 | 3 | 9 | 7 | 22-29 | 18 |
| 15 | SENT-ETIEN | 19 | 5 | 3 | 11 | 18-39 | 18 |
| 16 | RENN | 19 | 5 | 2 | 12 | 26-30 | 17 |
| 17 | MONPELIE | 19 | 4 | 3 | 12 | 20-44 | 15 |
| 18 | LE HAWR | 19 | 4 | 1 | 14 | 14-38 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 12 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 11 |
| 3 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 11 |
| 4 | Usman DEMBELE (PSŽ) | 11 |
| 5 | Ewann GESSAND (Renn) | 9 |

# «Ýuwentus» hem ýeňildi, diňe PSŽ galdy

**Italiýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi duşuşygynda sanawyň lideri «Napoli» öz meýdançasynda «Ýuwentusy» 2–1 hasabynda ýeňdi. Täze transferi Kolo Muaniniň goly bilen öňe geçen «Ýuwentusyň» derwezesinden ýeňiş gollaryny Zambo-Angissa bilen penaltiden Lukaku geçirdi. Şunlukda, «Ýuwentus» topary çempionatda şu möwsümde ilkinji gezek, umumylykda-da 29 oýundan soň ýeňildi. Olar soňky sapar «Serie A»-da geçen ýylyň mart aýynda utulypdy. Çempion «Inter» myhmançylykda «Leççeniň» derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirip, gollary Frattezi, Martines, Dumfris hem-de penaltiden Taremi öz atlaryna ýazdyrdylar. 3-nji ýerdäki «Atalanta» topary «Komonyň» myhmany bolup, ýer eýeleriniň Pazyň goly bilen öňe geçendigine garamazdan, Reteginiň gollary esasynda ýeňşini baýram etdi (2-1). «Milan» öz meýdançasynda «Parmany» kabul edip, garşydaşy 2 gezek öňe saýlansa-da, 90-njy minutdan soň 2 gol geçirdi we 3–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Taryhynda ilkinji gezek çempionatda 90-njy minutdan soň 2 gol geçirip, ýeňiş gazanan «Milanyň» gollaryny Pulişiç (38 p), Reýnders (90+2) hem-de Çukwueze (90+5) derwezä girizdi.



**Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri PSŽ öz meýdançasynda «Reýms» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Kwarasheliýanyň asist etmeginde tapawutlanan Dembeleniň 47-nji minutdaky goluna Nakamura 56-njy minutda jogap berdi. «Ýuwentusyň» ýeňilmeginden soň Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynda diňe PSŽ-niň ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär. «Marsel» myhmançylykda «Nissadan» 2–0 asgyn gelen bolsa, «Monako» öz meýdançasynda «Renn» toparyny 3–2 hasabynda ýeňmegi başardy.

### Eýýäm 100 goldan geçdi

**Ispaniýanyň çempionatynda** «Barselona» öz meýdançasynda «Walensiýanyň» derwezesinden gol bolup ýagdy. Eýýäm ilkinji 15 minutda 3 gol geçiren «Barselonanyň» adyndan De Ýong (3), Torres (8), Rafinýa (14), Fermin Lopes (24, 45+4), Lewandowski (66) hem-de Tarrega (75 ö.d.) tapawutlandy. 2008-nji ýyldan soň ilkinji gezek başda 15 minutda 4 gol geçiren katalonlaryň şu möwsümde 32 duşuşykda derwezä girizen gollarynyň sany 101-e ýetdi. Bu bolsa klubuň taryhyndaky iň ýokary 2-nji görkezijidir. Mundan öňki ýokary görkeziji 1958/59 möwsüminde argentinaly tälimçi Helenio Herreranyň ýolbaşçylygynda 31 oýunda 100 gol hökmünde hasaba alnypdy. Şeýle-de, «Barselona» şu möwsümde garşydaşlaryny 15-nji gezek uly hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. «Barselona» möwsümiň başynda «Walýadolidiň» derwezesinden hem 7 gol geçiripdi (7-0).



### «Realdaky» ilkinji het-trigi

Sanawyň lideri «Real Madrid» myhmançylykda «Walýadolidi» Mbappeniň 30-njy, 57-nji hem-de 90+1-nji (p) minutlarda geçiren gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. «Realdaky» ilkinji het-trigini eden Mbappe bu görkezijä ýetmek üçin 32 duşuşyk gerek boldy. Madridiň beýleki kluby «Atletiko» bolsa öz meýdançasynda «Wilýarreal» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Tapgyryň iň geň galdyran netijesi Sen-Sebastianda hasaba alnyp, «Real Sosiedad» öz meýdançasynda «Hetafeden» soňky 20 minutda geçirden gollary esasynda 3–0 hasabynda ýeňildi.



# Sinneriň 3-nji, Kiýziň 1-nji «Uly tuwalga» çempionlygy

**Tennis boýunça möwsümiň 1-nji «Uly tuwalga» ýaryşy «Awstraliýa Açyk» tamamlandy. Melburnda geçirilen ýaryş 15 günläp dowam etdi. 113-nji gezek geçirilen ýaryşda erkekleriň arasyndaky çempion üýtgemän, ýene-de italiýaly Ýannik Sinner ýeňiş gazandy. Zenanlaryň arasynda bolsa soňky ýylyň çempiony Aryna Sabalenka bassyr 3-nji çempionlygynyň bosagasyndan gaýtdy.**



Erkekleriň arasyndaky final duşuşygynda 1-nji orundaky Ýannik Sinner bilen 2-nji basgançakdaky germaniýaly Aleksander Zwerew duşuşdy. 3 setde tamamlanan duşuşykda Sinner 6:3, 7:6 we 6:3 hasaplar bilen ýeňiş gazanmagy başardy. Çempionlygyny goran Ýannik Sinner karýerasyndaky 3-nji «Uly tuwalga» kubogyny asmana göterdi. Ol geçen ýyl «Awstraliýa Açykda» hem-de «Amerika Açykda» ýeňiji bolupdy. Sinner bu ýaryşda amerikaly Jim Kurierden (1992, 1993) soň çempionlygyny goran iň ýaş tennisçi hökmünde hasaba alyndy. 23 ýaşyndaky Sinner karýerasyndaky 19-njy ATP çempionlygyny gazandy.

Zwerew bolsa «Amerika Açyk» (2020) hem-de «Fransiýa Açykdan» (2024) soň 3-nji gezek «Uly tuwalga» ýaryşynyň finalynda ýeňildi. Ol ýarym finalda Nowak Jokowiç bilen duşuşyp, 1-nji setiň ahyrynda serbiýaly tennisçiniň şikes alyp, duşuşykdan çekilmeginden soň finala adyny ýazdyrypdy. Jokowiç «Uly tuwalgalarda» 2-nji tapgyrda 430-njy duşuşygyny geçirip, ol bu ugurda Rojer Federeriň rekordyny täzeledi. Ýarym finala çenli gelen Jokowiç umumylykda «Uly tuwalgalarda» 434-nji duşuşygyny geçirdi.

Zenanlaryň arasynda soňky 2 ýylyň çempiony, sanawyň 1-nji belgilisi Aryna Sabalenka bu başarnygyny 3-nji gezek gaýtalamak başartmady. Ol finalda amerikaly Medison Kiýz bilen duşuşyp, garaşylmadyk ýagdaýda 2:1 hasabynda asgyn geldi. 1-nji setde 6:3 hasabynda Kiýz ýeňiş gazandy. 2-nji setde 6:2 üstün çykan Sabalenka umumy hasaby deňledi. Çekeleşikli geçen 3-nji setde 7:5 ýeňiş gazanan Kiýz umumy hasapda 2:1 öňe saýlanyp, karýerasyndaky ilkinji «Uly tuwalga» kubogyny ýokary galdyrdy. Bu onuň umumylykda WTA-nyň ýaryşlaryndaky 10-njy çempionlygydyr. 29 ýaşyndaky Kiýz soňky 16 ýylda «Uly tuwalga» ýaryşynda 1-2-nji belgili tennisçileri ýeňip, çempionlyk gazanan ilkinji tennisçi boldy. Soňky gezek 2009-njy ýylda russiýaly Swetlana Kuznesowa «Fransiýa Açykda» şeýle statistikany gazanypdy. Kiýz ýarym finalda polşaly Iga Şwentekden üstün çykypdy. Kiýz bu ýaryşdan öň WTA-nyň sanawynda 36-njy orundady. Ol täze sanawda 19-njy orna beýgeldi.

Sabalenka bolsa Awstraliýa Açykda şweýsariýaly Martina Hingisden (1997-98-99) soň yzly-yzyna 3 çempionlyk gazanan ilkinji zenan tennisçi bolmak mümkinçiligini elden giderdi.



## OŽIE MÖWSÜME ÝEŇIŞ BILEN BAŞLADY

Dünýä Ralli çempionatynyň (WRC) 53-nji möwsüminiň ilkinji ýaryşy Monte Karlo Rallisinde «Toyota Gazoo Racing» toparynyň fransuz sürüjisi Sebastian Ožie ýeňiş gazandy. Ol 18 tapgyrdan ybarat bolan 343,8 kilometrlik ýaryşy 3 sagat 19 minut 6,1 sekuntda tamamlap, karýerasyndaky 62-nji ýeňşini baýram etdi. Ol bu ugurda rekordyň eýesi, 80 ýeňşi bolan Sebastian Lýoba ýene bir ädim golaýlady. Ýaryşda Ožieden 18,5 sekunt soň pellehana gelen britaniýaly topardaşy Elfin Ewans 2-nji ýeri eýeledi. Pellehana ýeňijiden 26 sekunt giç gelen «Hyundai Shell Mobis» toparynyň fransuz sürüjisi Adrien Furmo möwsümiň ilkinji ýaryşyny 3-nji orunda tamamlady. Finlýandiýaly Kalle Rowanperanyň 4-nji bolan ýaryşynda estoniýaly Ott Tanak 5-nji, geçen möwsümiň çempiony, belgiýaly Tierri Noýwill 6-njy orny eýeledi.

Möwsümiň 2-nji ýaryşy 13-16-njy fewral aralygynda Şwesiýanyň Umeo şäherinde geçiriler.

## TRANSFER TÄZELIKLERI

Italiýanyň «Ýuwentus» kluby «Çelsiden» 21 ýaşyndaky portugaliýaly ýarymgoragçy Renato Weýgany möwsümiň ahyryna çenli kärendesine düzümine goşup, turinliler iňlis klubuna kärende tölegi hökmünde 3,8+1,5 million ýewro berer.



- Ispaniýanyň «Sewilýa» topary Fransiýanyň «Monpelie» klubundan 24 ýaşyndaky nigeriýaly hüjümçi Akor Adamsy 5,5 million ýewro transfer edip, onuň bilen 2029-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy.
- Şotlandiýanyň «Seltik» topary 2021-2023-nji ýyllar aralygynda çykyş eden 25 ýaşyndaky portugaliýaly ozalky ýarymgoragçysy Žota Neweşi Fransiýanyň «Renn» toparyndan 10 million ýewro yzyna düzümine goşup, 5,5 ýyllyk ylalaşyga gol çekişdi.
- Fransiýanyň «Renn» topary bolsa «Seltikden» 30 ýaşyndaky ýaponiýaly Kýogo Furuhaşini 2,5 ýyllyk şertnama bilen düzümine goşup, onuň transferi üçin şotland klubuna 10 million funt sterling tölär.
- «Bundesliganyň» wekili «Bawariýa» topary 2-nji ligada çykyş edýän «Köln» toparynyň 21 ýaşyndaky nemes derwezeçisi Ýonas Urbigi 10 million ýewro transfer edip, onuň bilen 2029-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy.


TÜRKMENISTANYŇ «DAÝHANBANK» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

Hormatly raýatlar!

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky toý dabaralaryny geçirmek üçin hödürlenilýän «Toý» karzynyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanmaga çagyrýar.

**Karzyň möçberi:** 100 000 (bir ýüz müň) manada çenli.
**Möhleti:** 3 ýyla çenli.
**Göterimi:** ýyllyk 7%.
**Karzyň üpjünçiligi:** zamunlyk ýa-da girew emlägi.

Hormatly ildeşler! Bankymyzyň hödürleýän «Toý» karzyndan peýdalanmak üçin ýüztutmalaryňyzy we degişli resminamalaryňyzy bankyň resmi **www.dayhanbank.gov.tm** internet sahypasynyň «Onlaýn ýüzlenmeler» bölüminiň üsti bilen onlaýn görnüşinde hem iberip bilersiňiz.

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**

**Aşgabat şäheri:** (+ 993 12) **38-03-79**, (+ 993 12) **38-03-65.**
**Arkadag şäheri:** (+ 993 12) **57-14-11**, (+ 993 12) **57-14-02.**
**Ahal welaýaty:** (+ 993 137) **33-4-39.**
**Balkan welaýaty:** (+ 993 246) **52-1-51.**
**Daşoguz welaýaty:** (+ 993 322) **93-5-07.**
**Lebap welaýaty:** (+ 993 422) **91-3-48.**
**Mary welaýaty:** (+ 993 522) **67-6-40.**




